**Türkmenistanyň Bilim Ministrligi**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**A.Gubaýew**
**M.Gurbanow**

# PALEOGRAFIÝA

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary
üçin okuw okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministirligi
tarapyndan hödürlendi

**Aşgabat-2010**

## Tema 1:„Paleografiýa„ dersine giriş.

Meýilnama:

1.Paleografiýa näme? Paleografiýanyň maksatlary we wezipeleri.
2.Paleografiýanyň öwreniliş taryhy.
3.Paleografiýanyň bölünişi.

Paleografiýa gadymy golýazmalaryň we beýleki ýazgy ýadygärliklerini öwrenýän ylym bolup ,olaryň ýazylan wagtyny we ýerini kesgitleýär.

Paleografiýanyň esasy wezipesi gadymy döwürlerde ýazylyp biziň günlerimize çenli saklanyp galan ýazgy ýadygärlikleriniň ýazylan wagtyny ,ýerini we dilini kesgitlemekden ybaratdyr. Şol wezipäni ýerine ýetirmek üçin paleografiýa ýazgylaryň ýazylyş usullaryny , harplaryň formalaryny ,golýazmalaryň ýazylyş usullaryny bezelişini, ýazgylaryň ýazylan materiallaryny we gurallaryny öwrenýär.Wagtda we giňişlikde hiç bir çäklenmeýänligi üçin adamzat jemgyýetiniň taryhynda örän uly rol oýnapdyr. Biz ata-babalarymyzyň gürlän dillerini,tejribelerini,oý-pikirlerini diňe gadymy ýazgylaryň üsti bilen bilýäris.Şoňa görä-de gadymy ýazgylary öwrenmeklik taryh üçin iňňän uly ähmiyete eýedir.

Paleografiýa iki sany grek sözünden ybarat bolup (palaýos-gadymy ,grafo-ýazgy) gadymy ýazgy ýa-da gadymy ýazgylar barada ylymdyr.Paleografiýa gadymy yazgylary we olaryň

ösüş ýollaryny öwrenýän ylymdyr. Paleografiýa taryh-filologik häsiýetli sapak bolup ol taryhy wakalary dikeltmek üçin örän gymmatly bolan ýazgy çeşmelerini öwrenmek bilen meşgullanýar.

Yazgy adamzat jemgyýetiniň taryhynyň soňky döwürlerinde ,ýagny adamzat jemgyýeti ösüp belli ýokary derejä ýeten wagtynda ýüze çykypdyr .Häzirki belli bolan ylmy maglumatlara görä ýazgynyň iň ýönekeý görňüşleri ilkinji gezek b.e.öňki IV müňýyllygyň aýaklarynda, III müňýyllygyň başlarynda Müsürde we Mesopotamiýada ýüze çykypdyr. Soňra ol kem-kemden dünýäniň beýleki ýerlerinde hem ýüze çykypdyr.Mysal üçin Kiçi Aziýada b.e.öňki II müňýyllygyň birinji yarymynda, Hytaýda b.e.öň 2.nji müňýyllygyň ortalarynda, Gresiýada b.e.öňki IX asyrda, Italiýada b.e.öň 7 asyrda, Fransiýada b.e.öňki I asyrda we ş.m. ýüze çykypdyr. Elbetde soňky döwürlerde dörän ýazgylara ilkinji döredilen ýazgylaryň täsiri ýetipdir.

Gadymy ýazgylary öwrenmek bilen paleografiýadan başgada birnäçe goşmaça ylymlar meşgullanýarlar. Mysal üçin: agajyň, daşyň ýüzüne oýulyp ýazylan we keramiki gap-gaçlaryň we metalyň ýüzüne ýazylan ýäzgylary epigrafika öwrenýär.

Möhürleriň ýüzüne ýazylan ýazgylary sfragistika, gadymy monetalaryň ýazgylaryny bolsa numizmatika öwrenýärler. Paleografiýa bolsa esasan gadymy golýazmalary öwrenýär.Nähili edip gadymy ýazgy ýadigärlikleriniň ýazylan ýerini wagtyny kesgitläp bolar. Ýazgy ýadygärlikleriniň wagtyny we ýerini kesgitlemek üçin paleografiýa ilki bilen wagty we ýeri anyk bolan ýazgylarda olara häsiýetli bolan alamatlary öwrenýär.Soňra ol häsiýetli alamatlar asyrlar boýunça bölünip entek wagty (senesi) anyklanmadyk ýadygärlikler bilen deňeşdirilýär. Ýazgy ýadygärliklerini seneleýji elementleriň dürli ýurtlarda dürli wagtlarda ýüze çykanlygy üçin paleografiýa

Ilki bilen ýazgynyň ýazylan dilini öwrenmek arkaly onuň ýazylan ýerini anyklaýar.

Paleografiýada ýazgy ýadigärlikleriniň hakykylygyny ýa-da soňky döwürlerde ýoýulyp ýazylandygyny anyklamak

hem möhümdir. Dokument ýoýulyp yazylanda, onda öz wagtyna (senesine) gabat gelmeýän sözleriň ulanylmagy, harplaryň ýazlyşyndaky käbir ýalňyşlyklar, döwrüne gabat gelmeýän materiala ýazylmagy dokumentiň ýoýulandygyna şaýatlyk edip biler. Paleograf hat ýazylýan materiallary-da, gurallary-da, gowy bilmelidir. Ýazgy ýadygärliklerini öwrenýän mahalynda paleograf dil-edebiýat, sungat taryhy, taryh, hronologiýa ýaly ylymlaryň kömeginden hem peýdalanýar.

Häzirki döwürde paleograf ýazgy ýadigärliklerini öwrenýän mahaly, ýagny olaryň senesini anyklamakda häzirki zaman anyk ylymlaryň kömeginden hem peýdalanýar. Meselem: gadymy ýadygärlikleriniň öçen, pozulan ýerlerini anyklamakda fotoanaliz usulyndan peýdalanýar.

Radiokorbon usuly bilen pergamente, süňke, agaç bölejiklerine ýazylan ýazgylaryň, paleomagnit usuly bilen bolsa kerpiçleriň, keramiki gap-gaçlaryň ýüzune ýazylan ýazgylaryň wagtyny kesgitlemekde peýdalanylýar.

2. Paleografiýa ylym hökmünde ilkinji gezek XVII asyrda Fransiýada ýüze çykypdyr. Paleografiýa boýunça 1708-nji ýylda latyn dilinde çap edilen Bernar Monfokeniň “Grek paleografiýasy” diýen işi ilkinji ylmy iş hasaplanylýar. Özbaşdak ylym pudagy hökmünde paleografiýa XVIII-XIX asyrlarda dünýäniň köp ýurtlarynda ulanylyp başlaýar. XIX asyrda paleografiýa özbaşdak ylym hökmünde Rusyýetde hem öwrenilip başlapdyr. Rusyýetde paleografiýany esaslandyryjy diýip görnükli rus alymy (arheolog, taryhçy, hudožnik) Rusyýetiň çeperçilik Akademiýasynyň Prezidenti A.N.Olenin (1763-1843) hasaplanýar. Ol ilkinji bolup 1792-nji ýylda Taman adasynyň (Krym) Tmutarakan diýen ýerinden tapylan ýüzi ýazgyly ullakan daş plitasynyň ýazgysyny okapdyr we neşir edipdir .

3. Ähli halklar we diller üçin umumy bolan paleografiýa ýokdyr. Ählisine häsiýetli bolan käbir umumy

ylmy prinsipler bardyr. Umuman dürli halklarda ulanylan ýazgy sistemalarynda we olaryň ösüş ýöllaryna baglylykda paleografiýäny grek, latyn, slawýano-rus, gruzin, ermeni,hytaý,hindi, arap we Orta Aziýa ýäly bölümlere bölýärler. Ady tutulan bölümleriň hersi belli bir territoriýada dörän we ulanylan ýazgylary öwrenýärler. Şu ýazgylaryň hemmesi diýen ýaly takmyndan bir ýazgynyň esasynda döredilip, dürli ýerlere ýaýrap, uzak we çylşyrymly ösüş ýoluny geçipdir. Şoňa görä-de olar düýbüniň bir bolmagyna garamazdan bir-birinden tapawutlanýarlar.

Häzir gysgajyk ol bölümlere seredip geçeliň:

Slawýano-rus bölümi.

Paleografiýanyň slawýan-rus bölümi kirillisa alfawitinden peýdalanan gadymy slawýan halklary – ruslaryň, ukrainleriň, belaruslaryň, bolgarlaryň, serbleriň we ş.m. gadymy ýazgy ýadygärliklerini öwrenýär. Bu bölüm umuman oňat özleşdirilen.

Slawýan (kirillisa) yazgysy alfawit ýazgysy bolup onda jemi 43 sany ses aňladýan belgi bolupdyr. Bu alfawiti slawýan alymlary Kirill we Mefodiý döredipdirler. Slawýan alfawiti b.e.öňki IX asyrynda birnäçe harp goşmak bilen grek alfawitiniň esasynda düzülipdir. 1708-nji ýylda Pýotr I döwründe reformirlenip käbir özgerişler girizilipdir.

Glagolisa kirillisanyň bir görnüşi bolup, ol käbir harplaryň formalary boýunça kirillisadan tapawutlanypdyr. Glagolisa X-XI asyrlarda esasan hem günorta-günbatar slawýan halklarynda (Balkanlar, Morawiýa we ş.m.) ulanylypdyr.

***Grek bölümi.***

Grek dilinde we alfawitinde ýazylan ýazgylary öwrenýär. Ellinistik we Rim imperiýasy döwrüne degişli ýadygärlikleriň oňat saklanyp galmagyna garamazdan, b.e.öňki IV asyrdan soňky ýazgy ýadygärlikleriniň esasynda grek paleografiýasy örän oňat öwrenilendir. Grek paleografiýasy esasan XIX asyrda öwrenilipdir. Grek ýazgy alfawit ýazgysy

bolup, ol b.e.öňki IX-VIII asyrlarda finikiýa alfawitiniň esasynda döredilipdir. Ol häzir hem ulanylýar. Soňky döwürlerde grek alfawitiniň esasynda, aýratyn hem Gündogar Ýewropa ýurtlarynda köp sanly ýazgylar döredilipdir. Grek alfawitinde jemi 24 sany ses aňladýan belgi ( harp) bolupdyr.

***Latyn paleografiýasy.***

Özbaşdak ylmy ders hökmünde köp ýurtlaryň alymlarynyň gatnaşmagynda oňat öwrenilen latyn paleografiýasyny öwrenmekde Mýunhen uniwersitetiniň professory Traube we onuň şägirtleriniň roly ulydyr. Latyn paleografiýasyny öwrenmekde rus alymlarynyň hem roly ulydyr. Olar S.Şedrin adyndaky kitaphanada ýygnalan baý golýazma fondyny öwrenipdirler.

Latyn ýazgysy alfawit ýazgysy bolup, onda 25 sany harp bar. Ol b.e.öňki VII asyrda etrusi, grek ýazgylarynyň esasynda döredilipdir. B.e.öňki VIII asyryndan başlap ullakan üýtgeşikler girizilmän Günbatar Ýewropa ýurtlarynda döredilen ýazgy sistemalarynyň esasyny düzüpdir.

***Gruzin paleografiýasy.***

Özbaşdak ylym pudagy hökmünde ýakynda, ýagny XX asyryň başlarynda döräpdir. Onuň esasyny goýan akademik I.A.Jawahaşwili hasaplanýar. Ol 1926-nji ýylda “Gruzin paleografiýasy” diýen işini çap edipdir. Hat ýazylýan material hökmünde gruzin golýazmalarynda b.e.öňki V asyrdan başlap pergament, X asyrdan soň kagyz ulanylypdyr. Gruzin ýazgysy alfawit ýazgysy onda jemi 33 harp bardyr. Özüniň gelip çykyşy boýunça ol arameý ýazgysynyň gündogar görnüşleriniň biriniň esasynda düzülüpdir. Gruzin ýazgysynyň iň gadymy ýadygärligi b.e.öňki V asyryna degişlidir.

***Ermeni paleografiýasy.***

Özbaşdak ylym hökmünde XIX asyryň II ýarymynda kemala gelipdir. Ermeni paleografiýasy babatynda köp iş eden alymlardan A.Taşýany we R.Agarýany bellemek bolar. Ermeni

ýazgysy alfawit ýazgysy bolup, onda 39 sany harp bardyr. Ol b.e.öňki V asyrlarynda Mesroi Maştoň tarapyndan arameý ýazgysynyň demirgazyk görnüşiniň esasynda döredilipdir.

***Hindi paleografiýasy.***

Özbaşdak ylym hökmünde XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda kemala gelipdir. Ýöne hindi ýazgylarynyň ähli görnüşleri bir gyra deň öwrenilen däldir. Hindi ýazgysynyň iň gadymy ýazgy ýadygärlikleri gadymy hindi medeniýetiniň gadymy ojaklary bolan Harappa (Hind derýasynyň jülgesi) we Mohenjo-Daro (Sind) diýen ýerlerden tapylyp olar b.e.öňki III müňýyllygyň aýaklary, II müňýyllygyň başlary bilen senelenýär.

Ol ýadygärlikler esasan möhürleriň ýüzünde saklanyp galan gysgajyk ýazgylardan ybaratdyr. Hindi ýazgysynyň esasan 2 görnüşi bolup, Hindistanda ýaýran soňky ýazgylar şolaryň esasynda döredilipdir. Olardan iň giň ýaýrany brahmy bolup, onda 36 sany harp bardyr. Ikinji görnüşi Khoroşti bolup ol esasan demirgazyk-günbatar Hindistanda we Gündogar Türkistanda b.e.öňki V asyrlaryna çenli ulanylypdyr. Şondan soň Khoroşti ulanylmakdan galypdyr. Hindi ýazgysynyň bu görnüşleri arameý ýazgysynyň esasynda döredilipdir diýlip çak edilýär.

***Hytaý paleografiýasy.***

Hytaý ýazgysy özüniň ideografiki görnüşliligi we poçerkleriniň köp görnüşliligi bilen häsiýetlendirilýär. Hytaý ýazgysynyň belgileri özüniň köp görnüşliligi, ýazylan materiallaryna we guralyna hem-de döwrüne baglylykda üýtgäp durupdyr. Şoňa görä-de Hytaý ýazgysynyň taryhyny 3 döwre bölýärler.

1. Gadymy döwri b.e.öňki X asyryna çenli.
2. Orta döwri b.e. XIX asyryna çenli.
3. Täze döwri XIX asyrdan başlap häzirki günlere çenli.

Hytaý ýazgysy alfawit ýazgysy bolman, ol iýerogliferiň sistemasyndan ybaratdyr. Ol ýazgynyň ideografiýa görnüşine degişlidir, ýagny bu ýazgyda her bir belgi bir söz aňladýar. Hytaý

ýazgysy b.e.öňki II-nji müňýyllygyň ortalarynda döredilipdir. Hytaý ýazgysynda 60 müňe ýakyn belgi bolup, häzirki gündelik ýazuwda 4-7 müňi ulanylýar. Hytaý ýazgysy Hytaý bilen goňşy ýurtlara - Ýaponiýa, Koreýa we Wýetnama ýaýrap ol ýurtlarda dörän ýazgylara esas bolup hyzmat edipdir.

***Arap paleografiýasy.***

Arap ýazgysynyň ýadygärlikleri Ýewropa ýurtlarynda XVI asyrdan başlap ýygnalypdyr. Bu işde aýratyn hem Gollandiýanyň roly uludyr. Arap golýazmalaryny ýygnamakda we öwrenmekde XVIII asyryň I ýarymynda başlap Pusyýetde hem uly işler edilipdir. Akademik H.D.Freniň ýolbaşçylygynda Peterburgda "Gündogar kabineti" döredilip, ol soňra 1918-nji ýylda Aziýa muzeýine öwrülipdir. Arap paleografiýasy boýünça iň gowy iş diýlip rus gündogarşynasy A.Şebuniniň "Imperator kitaphanasynyň Kufa Gurhany" (1892), "Kairdäki Hediw kitaphanasynyň Kufa Gurhany"(1902) işleri hasaplanýar. Arap ýazgysy alfawit ýazgysy bolup, onda 28 harp bardyr. Ol b.e.öňki IV asyrynda Nabateý ýazgysynyň esasynda döredilip, ol soňra Arap Halyfatlygynyň döredilmegi, yslam dininiň ýaýramagy bilen baglylykda Merkezi we Günbatar Aziýa, Demirgazyk Afrika ýurtlaryna ýaýrandyr. Arap ýazgysynyň häsiýetli tarapy onda diňe çekimsiz we uzyn çekimli sesleri bellenipdir.

***Orta Aziýa paleografiýasy.***

Paleografiýannyň bu bölümi diňe soňky döwürlerde bölünip aýrylypdyr. Bu bölümiň häsiýetli tarapy, ol Orta Aziýa ýurtlarynda ulanylan ähli ýazgylary we olaryň ýadygärliklerini öwrenýär. Mälim bolşy ýaly Orta Aziýada arameý,gadymy pars, orta pars, parfiýan, grek, gadymy Horezm, Sogdiana, gadymy türk, Hindi ýazgysynyň käbir görnüşleri ulanylypdyr.

Olaryň hemmesini-de paleografiýanyň Orta Aziýa bölümi öwrenýär.Şeýlelikde paleogrfiýany gowy bilmeklik gadymy golýazmalary we beýleki ýazgy ýadygärliklerini dogry okamaklyga we olaryň wagtyny kesgitlemäge mümkinçilik döredýär.Paleografikibarlaglarnyň usullaryny bilmezlik taryh, dil,edebiýat boýunça ylmy işlerde gödek ýalňyşlyklara eltip biler.

## Tema 2: Alfawitden öňki ýazgylar.

Meýilnama:

1. Ýazgynyň ilkinji ýönekeý görnüşlerniň ýüze çykmagy.
2. Piktografiýa ýazgysy.
3. Ideografiýa ýazgysy.
4. Bogun ýazgysy.

1. Adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň belli bir döwründe ýüze çykmak bilen ýazgy onuň taryhynda örän uly ähmiýete eýedir. Ýazgy ynsan medeniýetini öňe iteriji iň ýokary serişde hökmünde seretmek bolarAdamzat jemgyýeti tarapyndan durmuşyň ähli ugurlary boýunça asyrlar boýy ýygnalan tejribäni, akyl-paýhasy biz diňe ýazgynyň üsti bilen bilip bilýäris. Ýazgynyň döreýşi we ösüşi halkyň taryhy, medeniýeti, dili bilen gös-göni baglydyr. Dürli ýazgylary öwrenmek bilen biz haçanda bolsa bir wagtlar ulanylyp häzirki döwürde ýitip giden diller bilen hem tanyşyp bilýäris (Meselem: Müsür, Şumer, Akkad, Parfiýan dilleri)Ýazgynyň döreýşi adamlar arasynda dörän gatnaşklary ösdürmek, giňeltmek üçin dörän zerurlyk hem-de adamzadyň akyl-paýhasy bilen döredilen tejribänini ylmy-bilimi gelejekki nesiller üçin saklamak üçin bolan zerurlyk bilen baglydyr.Ýazgynyň taryhy adamlaryň öz oý-pikirlerini grafiki şekilleriň üsti bilen beýan edip başlan döwründe başlapdyr. Ýöne şoňa çenli hem adamlar dürli alamatlaryň üsti bilen bir-birleri bilen habarlaşypdyrlar. Seýle habarlaşmaklyk tötänleýin galdyrlan zatlaryň üsti bilen amala aşyrlypdyr. Mysal üçin: ýumşak toprakda adamynyň galdyran yzlary, ýakylan oduň küli, iýlen iýmitiň galyndylary ol ýerde birnäçe wagt öň adamlaryň bolandygy barada maglumat berýär. Yşarat hökmünde ýäkylýan oduň tüssesi, taýýarlanýan naharyň ysy hem bolup biler. Adamlar şeýle yşaratlary görmek, eşitmek ýa-

da duýmak arkaly ýakynda başga adamlaryň hem bardygyny duýupdyrlar. Soň-soňlar adamlar şeýle tötänleýin galdyrlan yşaratlaryň üsti bilen öz hereketlerini özlerinden soňky adamlara beýän edip biljek ýörite alamatlary goýüp başlapdyrlar. Mysal ücin: ilki durmuş awçylary agaçdan döwlüp alnan şahajygyň ujy arkaly öž giden tarapyny görkezipdirler. Ýa-da ýodanyň üstüne keseligine goýulan şaha şol tarapa gitmeli däldigini aňladypdyr. Şeýle alamatlar Afrikanyň, Awstraliýanyň yza galak käbir taýpalarynda häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr.

Şeýle şertli yşarat ýazgylary örän köpdir. Dürli haklarda olar dürli-dürli bolupdyr. Yşarat şertli ýazgylary hakyky ýazgy ýüze çykmazdan has öň ulanylypdyr. Bular sözüň hakyky manysynda entäk ýazgy däldir. Ýöne olar hakyky ýazgynyň döremegini ýeňilleşdiripdir.

2. Hakyky ýäzgy öz ösüşinde yzly-yzyna birnäçe etap geçipdir.

Adamzadyň çykarýan sesiniň haýsy elementiniň ýazga geçirilýänligine (bütin bir waka, aýry-aýry sözler, bogunlar ýada fonemalar (sesler) baglylykda ýazgy 4 etapy başyndan geçiripdir: piktografiýa, ideografiýa, sillabiki(bogun) we ses (fonemografiya) ýa-da alfawit ýazgysy.

Yazgynyň görnüşleriniň başgaça bölünişi hem bardyr . Mysal üçin:

1) ***Frazografiýa*** – bu ýazgynyň iň gadymy ýönekeý görnüşi bolup, onda her bir belgi (surat) bütin bir wakany aňladýar (bu piktografiýa gabat gelýär- T.H.).

2) ***Logografiýa*** – ýazgynyň ikinji etapy. Bu ýazgyda her bir grafiki belgi bir söz aňladýar (ideografiýa gabat gelýär- T.H.)

3) ***Morfemografiýa ýa-da sillabografiýa*** – bogun ýazgysydyr.

4) ***Fonemografiýa*** – bu ýazgyda aýry-aýry belgiler bir fonemany aňladýar.(alfawit ýazgysyna gabat gelýär).

Piktografiýa bu surat ýazgysy bolup ýazgynyň iň gadymy formasydyr. Bu iki sözden ýagny latynça piktus – surat, grekçe grafo – ýazgy diýmekdir.

Piktokgrafiýa wagta we giňişlikde çäklenmedik iň gadymy habar beriji serişdedir. Piktografiýä ýazgysynyň esasy manysy bir ýa-da birnäçe suratyňüsti bilen belli bir waka hakynda gürrüň bermekdir.

Piktografiýa sözüniň doly manysynda entäk hakyky ýazgy däldir, çünki onda sesler dälde diňe belli bir waka hakynda gürrüň berilýär . Aýry-aýry sesleri ýa-da sözleri aňlatmaýanlygy üçin piktografiýa ýazgysynda entek dil problemasy ýokdur. Piktografiýa ýazgysynda berilýän gürrüň diline garamazdan ähli halklar üçin düşnükli bolupdyr. Mysal üçin: öýüň üstünde tüsseläp duran turba-dynçlygy, parahatçylygy, iki sany birleşdirilen ýürek söýgini, gyzyla boýalan suwuklyk belgisi gany, uruşy aňladypdyr.

Piktografiýa ýazgysynda ýazylan eskimos awçysynyň aw baradaky habary:

1. Gürrüň berýän awçy.
2. Gaýygyň awa giden ugry.
3. Awçylar bir gije dynç aldylar.
4. Iki sany külbesi bolan ada.

1.6.7. Awçylar başga bir ada bardylar we ol adada iki gije dynç aldylar.

8. Awçylar iki sany týulene duşdular.
9.Olary awladylar.
10. Awdan soň gaýyga münüp yzyna gaytdylar.
11. Öýlerine geldiler.

Piktografiýa ýazgysy gadymy döwürlerde adamlar tarapyndan ayratyn uly ähmiýetli wakalary bellemek üçin ulanypdyrlar.

Piktografiýa ýazgysyna manydaş belgiler häzir biziň günlerimizde hemdurmuşda ulanylýar. Mysal üçin: ýol belgileri.

3. ***Ideografiýa ýazgysy.***

Ideografiýa ýazgysy ýazgynyň ösüş taryhynda ikinji basgançakdyr. Bu grekçeden terjime edeniňde pikir ýa-da söz ýazgysy diýmekdir.Bu ýazgyda her bir belgi bir söz aňladypdyr. Şoňa görä-de her bir dilde näçe söz bolsa şonça-da belgi bolupdyr. Ideografiýa ýazgysyna gadymy Müsür surat ýazgylry, gadymy Mesopotamiýa ýazgy sistemalary we Hytaý iýeroglifika ýazgylary degişlidir. Ideografiýa ýazgysy gürrüň beriji piktografiýa ýazgysynyň esasynda olary kämilleşdirmek ýüze çykypdyr. Belli bir düzgüne salnan ýazgy sistemalarynyň döremegi döwlet guramalarynyň ýüze çykmagy bilen baglydyr, çünki olara döwleti dolandyrmak üçin tertipleşdirilen ýazuw zerur bolupdyr. Ýazgynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi we ösmegi netijesinde ideografiýa ýazgysynda käbir fonetiki belgiler hem ýüze çykyp başlapdyr.

***Gadymy Şumer belgileri. Gadymy Müsür.***

4. Sillabik ýa-da bogun ýazgysy. Bu ýazgynyň her bir belgisi bir bogun aňladypdyr. Mälim bolşy ýaly bogunlar sözlerde köp gezek gaýtalanýar. Köp gezek gaýtalanmagyň hasabyna grafiki belgileriň sany ep-esli azalýar. Şoňa görä-de Sillabiki ýazgysynda belgileriň umumy sany 50-60-dan geçmeýär. Grafiki belgileriniň sanynyň azalmagy, bogunlary bir sözde köp gezek gaýtalanmagy adamlara eýýäm takyk maglumatlary, adamlaryň atlaryny doly yazyp beýan etmäge mümkinçilik döredipdir. Mysal üçin:gadymy pars şine şekilli bogun ýazgysynda ha, şa, da, ra, ýa,

u, ýaly bogun belgileriniň bolmagy patşa Dariýniň adyny takyk we anyk görkezmäge mümkinçlik berýär.

a) -Haşa- patşa.

b) - Da R Ýa UŞ- Dariý.

Şeýlelikde bogun ýazgysynyň durmuşa girizimegi bilen ýazgy ýadygärlikleri has takyk konkret taryhy çeşmä öwrülýär.

Görşümiz ýaly ýazgy öz ösüşinde 4 sany etapy geçipdir. Beýle diýildigi ähli halklar öz yazgysynda şu etaplary geçmeli diýildigi däldir. Käbir halklar ýazgynyň başky etaplarynda saklanyp galypdyr. Mysal üçin Hytaýlylar ýazgynyň ideografiýa etapynda durup ony häzire çenli ulanýarlar. Käbir halklar bolsa daşky sredanyň, syýasy wakalaryň täsiri astynda ýazgynyň ilkinji etapynda iň ýokary etapyna böküp geçipdirler. Mysal üçin: çetki Demirgazykda ýaşaýan çukçiler, eskimoslar we nensler sowet döwründe piktografiýadan gös-göni alfawit ýazgysyna geçdiler.

**Tema 3: Alfawit ýazgysynyň ýüze çykmagy**.

Meýilnama:
1. Alfawit ýazgysy.
2. Alfawit ýazgysynyň esaslary.
3. Finikiýa alfawiti ilkinji alfawit ýazgysydyr.
4. Finikiýa alfawitiniň ses-harp düzümi.

1. Alfawit ýazgysynda her bir grafiki belgi (harp) bir ses aňladýar.Şoňa görä-de oňa fonemografiýa (fonema- ses, grafo- ýazgy) ýa-da ses ýazgysy hem diýýärler.

“Alfawit”diýen sözüň özi alfawit ýazgysynyň ilkinji harplaryndan düzülendir. Alfawit ýazgysynyň döredilmegi ýazgunyň taryhynda şübhesiz öňe edilen edimdir. Çünki alfawit ýazgysynda az sanly ses belgileriniň üsti bilen sözleri takyk beýan etmäge mümkinçilik döreýär. Grafiki belgileriň (harplaryň) çenden aşa azalmagy ýazgyny ähli adamlar üçin elýeterli edipdir. Sebäbi indi onlarça müň belginiň ýerine bary ýogy 30-40 sany belgini ýatlamaly bolupdyr.

Alfawit ýazgysy gadymy döwürlerden başlap iki görnüşde bolupdyr – konsonant – ses ýazgysy hem-de wokalizlenen – ses ýazgysy. Konsonant – ses ýazgysynda diňe çekimsiz sesler bellenilipdir. Ol alfawit ýazgysynyň iň gadymy formasy bolup, ol b.e.öňki II müňňýyllygyň II ýarymynda döredilipdir. Konsonant – ses ýazgysyna protosinaý, protohanaan, ugarit, finikiýa, gadymy ýewreý, aramey we arap ýazgylary degişlidir. Ýazgynyň bu görnüşi esasan semit dilli halklarda ulanylypdyr. Çünki bu dillde sözüň köki esasan üç sany çekimsiž sesden ybarat bolupdyr. Şol sesler hem grafiki belgiler bilen bellenilipdir. Çekimli sesler bolsa diňe sözleriň düzümini we manysyny üýtgetmek üçin ulanylypdyr. Şoňa görä-de olar belgi arkaly berilmändir we harplaryň umumy sany 20-den 30 çenli bolupdyr. Wakalizlenen ses ýazgysynda çekimsiz sesler bilen bir hatarda çekimli sesler hem grafiki

belgiler bilen bellenipdir. Bu ýazga dünýäniň alfawit ýazgylarynyň aglaba köp bölegi degişlidir.

2. Alfawit ýazgysy öz-özünden bir bada ýa-da tötändeden

döremändir. Onuň döremegi üçin ýörite şertler, aýratyn hem şeýle ýazga zeruryýetlik, mätäçlik serur bolupdyr. Ondan başga-da alfawit ýazgysynyň döremegi üçin adamlaryň intelektual derejesiniň hem ýokary bolmagy zerur bolupdyr. Hakyky alfawit ýazgysy döredilmezinden ozal Ýakyn Gündogar ýurtlarynda alfawit ýazgysyna has ýakyn bolan birnäçe ýazgy

döredilipdir we ulanylypdyr. Şolar hem ilkinji alfawit ýazgysyna esas bolup hyzmat edipdir. Olardan:

***Protosinaý (has gadymy sinay) ýazgysy.***

Protosinaý ýazgysy semit dilli halklaryň iň gadymy ýazgylarynyň biri bolupdyr. Onuň iň gadymy ýadygärlikleri b.e.öňki XVIII-XVII

asyrlar bilen senelenýär. Protosinaý ýazgysy alfawit ýazgysyny döretmek üçin ilkinji synanşyk hasaplanýar.

***Protohanaan ýazgysy.***

Bu hem protosinaý ýazgysy ýaly semit halklarynyň iň gadymy ýazgylarynyň biridir. Protohanaan ýazgysynyň hem iň irki nusgalary b.e.öňki XVIII-XVII asyrlara degişlidir. Alymlaryň pikirine görä protohanaan ýazgysy ýewreýlerden öňki döwürde Palestinada ýaşan günbatar semit taýpalary bolan Hanaanlar (finikiýalylar) tarapyndan ulanylypdyr. Protohanaan ýazgysynda jemi 30-40 sony konsonant belgi bolup olaryň köpüsi protosinaý hem finikiýa ýazgylarynyň belgilerine örän meňzeşdir. Soňa görä-de alymlar ony protosinaý ýazgysy bilen finikiýa alfawitiniň arasynda duran ýazgy diýip hasap edýärler.Protohanaan ýazgysy entek doly okalmandyr.

***Ugarit ýazgysy.***

Ugarit ýazgysy hem semit dilli halklaryň döreden iň gadymy ýazgylaryna degişlidir. Ol b.e.öňki XIV-XIII asyrlarda

Demirgazyk Finikiýa şäherleriniň biri bolan Ugarit (häzirki Ras Şamra – Siriýanyň demirgazyk kenar ýakasy) şäherinde döredilipdir we ulanylypdyr.

Ylymda ykrar edilen pikir boýunça Ugarit ýazgysy finikiýa alfawitini-de, assiro-wawilon ýazgysyny-da gowy bilýän adam

tarapyndan döredilipdir. Ol adam göýä finikiýa ýazgysyndan harplaryň aňladýan sesini hem-de olaryň alfawitde ýerleşiş tertibini, assiro-wawilon ýazgylaryndan bolsa harplaryň şine şekilli formasyny we olaryň çepden saga tarap ýerleşişini alypdyr.B.e.öňki XIII asyrda Ugarit döwleti ýykylandan soň ol ýazgy-da ulanylmakdan galypdyr.

Şu yokarda seredilip geçilen ýazgylar köp alymlaryň pikirine görä diňe alfawit ýazgysyny döretmekde esas bolup hyzmat edipdir.

B.e.öňki II müňňýyllykda Finikiýada synpy jemgyýet döräp uly bolmadyk şäher döwletleri döreýär. Olaryň arasynda Finikiýada agalyk sürmek üçin özara göreşler alnyp barlypdyr. Ortaýer deňziniň gündogar kenary öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetýär. Bu ýerde hünärmentçiligiň dürli pudaklary, aýratyn-da gämi gurluşygy we söwda iň yokarý derejä ýetýär. B.e.öňki II müňýyllyklaryň aýaklarynda we I müňýyllygyň başlarynda finikiýalylar Ortaýer deňziniň hakyky hojaýyna öwrülýärler.Olaryň elinde hem daşarky söwda bolupdyr.Finikiýalylar Orta Yer deňziniň kenarynda öz söda kolloniýalaryny esaslandyrypdyrlar.Olar Orta ýer deňziniň G.b. böleginde hem öz agalygyny berkarar edipdirler.Bu barada aýratyn hem Tir ,Sidon şäherleri tapawutlanypdyrlar.

Bu döwürde Finikiýada medeniýet, ylym,hem söwda ösüpdir.Deňizde ýüzmeklikde we geografiki açyşlarda Finikiýanyň roly aýratynda uly bolupdyr.Olar G.b. bogazyndan geçipAtlantik okeanyna,Gyzyl deňziniň üsti bilen bolsa Hind okeanyna çykypdyrlar.Käbir maglumatlara görä finikiýalylar Amerikan

kontinentini hem açypdyrlar. Medeniýet babatynda antiki awtolary grek medeniýetiniň esasynda finikiýa medeniýetiniň durandygyny ---ykrar edipdirler.şeýlelikde b.e.ö.II-müňýyllygyň II-ýarymynda alfawit ýazgysyny döretmek üçin finikiýada ähli şertler bolupdyr. Ägirt uly territoriýäda ýerleşen köp sanly kolloniýälary dolandyrmak üçin ,söwda işlerini amala aşyrmak üçin olarda sistemalaşdyrylan we kämilleşen ýazgy zerurlygy ýüze çykypdyr.Finikiýalylar Müsüriň ýazgy sistemalaryny ,Ýakyn Günddogardaky protosinaý ,trotohahaan,protobibios,ugarit ýäly ýäzgy sistemalary oňat bilipdirler.Şolýäzgylary peýdalanmak bilen olar iň soňunda dünýäde iňämil ajfawit ýäzgisyny döredipdir .(b.e.ö.XIII-XII).Bu bolsa gadymy Finikiýalylaryň (hanaanlayň)adamzat jemgiýetiniň bähbidi üçin iňýokary hyzmatydyr. Bu alfawitiň ulanylmagy bilmli bolmaklyga ähli adamlara elýeterli edipdirl.

Finikiýa alfawitiniň gelip çykyşy barada ylymda birnäçe teoriýa bardyr.Olardan:

***1. Müsür teoriýasy.***

Bu antik döwründen bäri (Tasit) dowam edip gelýän iň giň ýaýran teoriýadyr. Buteoriýa boýunça finikiýa alfawitiniň belgilerine nusga hökmünde Müsür iýeroglifleri alypdyr(F. Lenorman, I.Galewi, W.Struwe). Bu teoriýanyň tarapdarlary Müsüriň we finikiýa harp berlgilerindäki meňzeşlikleri, konsonant tipli harp-ses belgileriniň bolmagyny we iki ýazgynyň hem sagdan çepe ýazylmagyny göz öňune tutýarar 1904-1905 ýyllarda Sinaý ýarym adasynda konsonant-ses Yazgysynda yazylan yadiärlikleriň tapylmagy bu teoriýanyň tarapdarlarynyň sanyny has-da artdyrdy. Ol tapylan ýazgylary öwrenmek bilen olar “protosinaý teoriýasyny” öňe sürdiler. Ol teoriýa boýunça protosinaý ýazgysy Müsür we Finikiýa ýazgylarynyň arasyndaky baglaşdyryjy element diýlip tassyklanýar.

***2. Assiro-wawilon teoriýasy.(W.Dik, W .Peýzer,G.Simmeri )***

Bu teoriýa Mesopotamiýa şine şekilli ýazgylaryna meňzeş ugarit ýazgysynda ýazylan hatlaryň tapylmagy we okalmagy bilen has-da güýçlendi. Bu teoriýanyň tarapdarlary b.e.öňki XIV-XIII asyrlardaky ugarit konsonant ýazgysy assiro-wawwilon şine şekilli ýazgysy bilen finikiýa ýazgysyny baglaşdyryjy element diýip hasap edýärler.

Teoriýanyň garşydaşlary assiro-wawilon sine şekilli ýazgysy bilen finikiýa ýazgysynyň arasyndaky ullakan tapawut bardygyny, ýagny assiro-wawilon ýazgysyny, ikinjisiniň bolsa arassa ses ýazgysydygyny, şoňa görä-de olaryň arasynda hiç-hili ýakynlygyň

bolup bilmejekdigini belleýärler. Ýazgynyň taryhynda entek söz ýa-da bogun ýazgysynyň gös-göni ses ýazgysyna geçen ýeri bolmandyr.

***3. Krit ýa-da Krito-minoy teoriýasy.***

**Bu teoriýa XIXasyryň aýagynda A.Ewans tarapyndan girizilip, soňra H.Şneýder, F.Şaputýe we W.Georgiýew tarapyndan goldanypdyr. Bu teoriýa boýunça Finikiýa alfawiti minoýçylaryň (Gresiýa) bogun ýazgysynyň esasynda döredilipdir. Olaryň pikiriçe finikiýa harplarynyň atlary-da minoýlardan geçipdir. Ýöne minoylardaky ýaly boguny däl-de sesi aňladypdyr.**

Teoriýanyň garşydaşlary bu teoriýanyň ýetmezçilgi hökmünde şu aşakdakylary görkezýärler.

1) Krit-minoý ýazgysy entek doly okalmandyr. Şoňa görä-de olaryň atlarynyň birdigi barada aýtmak nädogrydyr.

2) Krito-minoý teoriýasy hronologiya babatynda hiç-hili sazlaşmaýar.

Mälim bolşy ýaly krito-minoý bogun ýazgysy b.e.öň II müň ýyllygyň ortalarynda döredilipdir,a Finikiýanyň teritoriýasynda bolsa b. e öň II müň ýyllygyň başlarynda

(XVIII- XVII asyrlar) protosinaý,pritohinaý,pritobiblos ýaly öz bogun ýazgylary bolupdyr. Olaryň köp belgileri finikiýa alfawitiniň belgilerine meňzeşdir.Şoňa görä-de kanuny sorag ýüze çykýar.Özleride has kämilleşen ýazgy barka finikiýalylaryň deňizden geçip özlerine nätanyş minoý ýazgysyndan peýdalanmaga zerurlyk barmyka (Gapydan tapsaň töre geçme-Türkmen nakyly)

4.Finikiýa alfavitiniň özbaşdak döreýiş teoriýasy (D. Dirginger, I. Fridrih, V. Istrin we başgalar.).

Bu teoriýanyň tarapdarlary şeýle möhüm wakanyň, ýagny şeýle kämil ses ýazgysynyň döredilmegini daşarky täsir bilen däl-de ýurduň içerki faktorlary bilen baglamak gerek diýýärler. Bilişimiz ýaly finikiýanyň içerki ýagdaýy şeýle möhüm açyşlygy etmäge doly mümkünçilik beripdir. Finikiýa alfawitiniň bir-biriniň yzyndan yzgiderli ýerleşdirilen 22 sany grafiki belgiden (Harp) ybarat bolupdyr.Her bir belgi belli bir ýa-da ýarym çekimli sesi

aňladypdyr. Finikiýa alfawitiniň harplary ýazmaga we ýatlamaga amatly bolan belgilerden ybarat bolupdyr.

Finikiýalylar gorizontal setirler boýunça sagdan çepe ýazypdyrlar. Finikiýa ýazgysynyň iň gadymy nusgalarynda dik çyzyklar arkaly

sözleri bir-birinden aýyrypdyrlar. B.e.öň VIII asyrdan başlap söz bölüji çyzyklar galdyrylyp sözleri bir-birinden aýyrman ýazypdyrlar.Ol bolsa teksti okamagy ep-esli çylşyrymlaşdyrypdyr. Wagtyň geçmegi finikiýa ýazgysy arameý ýazgysy bilen çalşyrylypdyr. Finikiýa ýazgysynyň iň giçki ýadygärlikleri b.e.öň I müňýyllygyň aýaklaryna degişlidir. Finikiýa ýazgysy XVIII asyryň ortasynda iňlis alymy J. Swinton we fransuz alymy Bartalemi tarapyndan okalypdyr.

Bularyň hemmesi finikiýa yazgysynyň örän çalt ýaýramagyna getiripdir.Alymlaryň pikirine görä dünýäde belli bolan alfawit ýazgylarynyň 4/5 tiniň ýa-da onuň bölegi finikiýa alfawi esasynda döredilen alfawitleriň esasynda döredilipdir.

## Tema 4: Hat ýazylýan materýallar we gurallary.

Meýilnama:

1.Hat ýazylýan materýallaryň we gurallaryň palegrafiya üçin ähmiýeti.

2.Hat ýazylýan materýallaryň esasy görnüşleri.

3.Hat ýazylýan gurallar.

Hat yazylýan materýallar we gurallar dürli ýurtlarda döwrüne baglylykda dürli-dürli bolupdyrlar.Şoňa göräde hat ýazylýan materýallaryň ýazgy dokumaentleriň wagtyny weýazylan ýerini kesgitlemekde olaryň ähmiýeti örän ulydyr.

Egerde biz haýsy materýallaryň hayýsy ýurtlarda we haçan ulanylandygyny gowy bilsek biz ýazgy ýadygärlikleriniň ýa-da dokumentleriniň takmynan haçan we nirede ýazylandygyny kesgitläp bileris.Mysal üçin, palçykdan ýasalan tabliçkalar b.e.öň.3 müňýyllyklaryndan başlap diňe Gündogar ýutlarynda aýratyn hem Gadymy Mesopatamiýada we Hindistanda ulanylypdyr,Orta Aziýa ýurtlarynda bolsa keramiki gap-gaçlaryň bölekleri ulanylypdyr.Ýa-da pergamente ýazylan dokument tapylsa onuň b.e.öň. 3 asyrdan soň yazylandygygyny

Badabat aýdyp bileris.Çünki pergament hat ýazylýan materýal hökmünde ilkinji gezek b.e.öň. 3asyrda Pergam döwletinde ulanylyp başlapdyr. Eger-de Russiýanyň territoriýasynda slawýan ýazgysynda kagyza ýazylan dokumentleriň wagtyny kesgitlemekçi bolsak ,onda biz ony 14 asyryň ikinji ýarymyndan soň diýip aýdyp bileris.Sebäbi kagyz hat ýazylýan material hökmünde diňe 14 asyryň ortalaryndan ulanylyp başlapdyr.Görüşümiz ýaly hat ýazylýan materýallaryň we gurallaryň paleografiýada roly uly bolup,olar ýazgy ýadygärlikleriniň ýerini we wagtyny dogry kesgitlemekde gymmat bahaly çeşme bolup hyzmat edýärler.

2.Ýazgy ýüze çykandan bäri adamlar hat ýazmak üçin köp materýallary synap görüpdürler .Olaryň içinde iň gymmatlysy we giň ýaýrany Papirusdyr.

***Papirus-*** Müsürde ösýän uzynlygy 4-5m bolan saýawan görnüşli agajyň grekçe ady.

Şu agaçtan gadymy Müsürde hat ýazmak üçin materýal alyp oňa papirus diýipdirler.Ol agajy kesip, soňra ýenjip hamyra meňzeş massa alypdyrlar.Soňra ony ýaýyp agyr presiň aşagynda guradyp gyralaryny kesip kagyza meňzeş list alyp, olary bir-birine ýelmäp papirus düzümini alypdyrlar.

Ahemeni patyşalary öz atlaryny we edermenliklerini ebedileşdirmek üçin dag gaýalarynyň ýüzünde ,ybadathanalaryň ,köşkleriň diwarlarynda köp sanly monumental ýasgylary ýazypdyrlar.öňa mysal edip dünýä belli BEHISTUN ýazgysyny görkezmek bolar.B u döwürde gaýa ýazgylarynda gadymy pars şine şekilli ýazgysy ulanylypdyr.

Gündogar ýurtlarynda ýene-de bir giňden ulanylan material palçykdan bejerilen plitkajyklar we keramiki gap-gaçlaryň bölekleridir.Palçykdan bejerilen plitkajyklar ayratyn hem Gadymy Mesopatamiýa ýurtlarynda (Şumer ,Akkad, Wawilon,Assirýa ) giňden ulanypdyr. Mesopotamiýanyň gadymy şäherleri gazylyp açylanda şeýle tabliçkalaryň müňlerçesi tapylypdyr. Mysal üçin iňlis arheology Genri Leýard tarapyndan Gadymy Assiriýanyň paýtagty Ninewi şäheri gazylyp açylanda paytşa Assurbanipalyň kitaphanasyna dagişli 20 müňden gowrak ýazgyly tabliçka tapylypdyr.

***Pergament*** – bu kagyz oýlanyp tapylýança hat ýazmak üçin ulanylan iň köp we giň ýazylýan materialdyr. Pergament bu ýörite işlenilen haywanlaryň derisidir. Ýörite işlenilen haýwqan derisinden giň möçberde hat ýazylýan material taýarlamak ilkinji gezek b.e.öňki II asyrda Kiçi Aziýanyň demirgazyk-günbatar çetinde ýerleşen Pergam döwletinde ulanylypdyr. Şoňa görä-de oňa pergament diýipdirler. Pergam patşalygy b.e.öňki 283-nji ýyldan b.e. onki

133-nji ýyla çenli ýaşapdyr. Pergament ýasamak üçin esasan ýaş haýwanlaryň hamy ulanylypdyr (owlak, guzy, göle). Ilki bilen derini hlorly hek suwynda ýatyran soňra ony agaç ramalara berkidip gowy eýläpdirler. Soňra bolsa taraplaryny gyrkyn-tekizläp gönüburçly forma beripdirler.

Orsyýetde pergament XIX asyryň II ýarymyna çenli ulanylyp soňra kagyz bilen çalyşylypdyr. Pergament hat ýazmak üçin öran amatly, ýöne örän gymmat bolupdyr. Şoňa görä-de kem-kemden arzan material bolan kagyz bilen çalşylypdyr.

***Kagyz*** – kagyz hat ýazmak üçin iň amatly we arzan material bolupdyr. Kagyzyň ilkinji gezek haçan we nirede oýlanyp tapylandygy entek doly anyk däldir. Hytaý ýazgy maglumatlary boýunça ol b.e.öňki II asyrda Hytaýda oýlanyp tapylypdyr. Kagyzyň ilkinji öndürilen ýeri Hytaý diýsek Yalňyş bolmasa gerek. B.e. VI-VIII asyrlarynda Orta Aziýada, Koreýada, Ýaponiýada, Hinfistanda kagyz öndürilipdir hem ulanylypdyr. Aýratyn hem Samarkantda öndirilen kagyz gowy hili biln tapawutlanypdyr. VIII asyra dagişli kagyza ýazmak dokument Täjigistanyň Mug daglaryňda tapylypdyr. VIII-XI asyrlarda kagyz Arap Halifat ýurtlaryna ýaýrapdyr. XI-XII asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda kagyz öz ornuny tapypdyr. Orsyýetde kagyz giçräk, ýagny XIV asyryň II ýarymyndaýaýrapdyr.

Paleografiýa üçin hat ýazylýan materiallar bilen bir hatarda hat ýazmak üçin ulanylan gurallaryň-da roly uludyr.

Ilki başda ujy Yiteldilen trastnik agajynyň çybyklaryndan bejerilen tayýaýypdyrlar. Daşlaryň, kerpiçleriň ýüzünde oyup ýazmak üçin ujy ýiteldilen metal gurallary ulanylypdyr. Soňra takmyndan antik dowürlerden başlap guş ýelekleri, aýratyn hem Gündogar ýurtlarynda ujy ýiteldilen, ýokarsy adam eli gornusinde bejerilen süňkden ýasalan taýajyklar(stil) arkaly ýazypdyrlar.

**Tema 5: Arap basybalyşlaryndan öñ Merkezi Aziýada ulanylýan ýazgylar.**

a) Arameý ýazgysy we onuñ gündogar ýurtlaryna ýaýramagy.

Meýilnama

1. Arameý ýazgysy we arameýler
2. Arameý ýazgysynyñ gündogar ýurtlaryna ýaýramagy.
3. Arameý ýazgysynyn ýaýraýys shemasy.

Arameý alfawiti Finikiýada ýazgysynyñ bir gösnüşi bolup ol b.e.öñki IX-VIII asyrlarynda ýüze ykyp ähli Günbatar we merkezi Aziýa ýyrtlarynda giñden ulanylypdyr. Ähli semit dilli halklaryñ ýazgylarynda boluşy ýaly arameý alfawitinde hem diñe ekimsiz sesler añladylypdyr. Ḉekimli sesleriñ bolsa diñe uzyn aýdylýanlary sözleri üýtgetmek üçin ulanylypdyr. Bu ýagdaý semit dilleriniñ grammatik häsiýeti bilen düşündirilýär. Bu dilleriñ (wawilon ,finikiýa, arameý,arap) sözleriñ esasy leksiki bölegini 3 sany çekimsiz sesden ybarat bolan kök tutupdyr .Mysal üçin –k.t.w.

Arameý ýazgysy ilki başda finikiýa alfawitinden kän bir tapawut etmändir. Emma soña baka onda çyzyklaryñ sanyny azaltmak, burçlaryny kütekleşdirmek ýaly özboluşly elementler peýda bolup başlaýar. Arameýler dik çyzyklar, nokatlar ýa-da interwal arkaly sözleri bir-birinden aýryp başlapdyrlar. D. Diringeriñ pikirine görä arameý alfawiti diñe b. e. öñ. 5-asyrda doly özboluşly formasyna gelipdir. Seýle ýazgy nusga hökmünde Demirgazyk Arabystanyñ Teýma oazisinde tapylan ýazgyny görkezmek bolar.

Arameý ýazgysynyñ iñ gadymy ýadygärlikleri hökmünde Demirgazyk Siriýanyñ Bar Hadada diýen ýerinden tapylan (b.e.ö.8asyr) we Zakira al Hamatadan (b.e.ö.8asyr) tapylan ýazgylary görkezmek bolar.

Arameý ýazgy ýadygärlikleriniñ aglaba köp bölegi b.e.ö.1 müñýyllygyñ ortalaryna degişlidir.

Arameý ýazgysy b.e.4asyrynda Arabystanyñ Günortasyndan göçüp gelen arap-semit taýpalarynyñ arameýleri öz täsiri astyna almagy netijesinde ýok edilipdir.

Biziñ pikirimizçe şu wagtda Eýranda we Orta Aziýada arameý alfawti- niñ esasynda ýerli ýazgylaryñ döreýiş prossesi hem tamam bolupdyr.Arameý taýpalary barada belli bir anyk maglumat ýokdur. Käbir maglumatlara görä arameý taýpalary b.e.ö.2 müñýyllygyñ 2-nji ýarymynda oñat öri meýdanlaryny gözläp Alynky we kiçi Aziýanyñ(Siriýa, Palestina, Finikiýa, Mesopotamiýa) teritorriýasynda peýda boludyrlar.Şol ýerde hem finikiýa ýazgysy bilen tanyşypdyrlar. Ady tutulan ýurtlarda agalyk ediji ýagdaýa eýe bolan arameýler kem-kemden ol yerde ýaşan halklara dilini we ýazgysyny ornadypdyrlar. B.e.ö.8-nji asyrdan başlap bu ägirt uly territoriýada arameý dil we ýazgysy halkara statusyny alypdyr.Arameý ýazgysyny ýewreýler, assiriýalylar, wawilioniýalylar, parslar, araplar we başga halklar kabul edip öz dillerini ukyplaşdyrypdyrlar. Arameýleriñ asyl mekany anyk belli däldir. Käbir alymlaryñ (Klodd) pikirine görä arameýler Mesopotamiýanyñ ,,Aram,, diýen baýyrlyk ýerinden çykypdyrlar. Häzirki wagtda arameý diline çalymdaş dilde gepleýän taýpalar Yragyñ, Liwiýanyñ we Zakawkaziýanyñ käbir daglyk ýerlerinde saklanyp galypdyrlar.

Arameý ýazgysynyñ kem-kemden ýewreý, eýran, palmira, siriýa we arap şahalary doräpdir.Bu şahalaryñ döremegine Alynky Gündogarda döräp köp ýerlere Ýaýran 4 sany uly dinleriñ döremegi ep-esli täsir edipdir: iudaizm, (ýewreý şahasy), Gündogar hristiançylyk (siriýa şahasy), zoroastrizm (eýran şahasy), we Yslam (arap şahasy). Şeylelikde b.e.öñki IX-VIII asyrlardan başlap arap basybalyşlaryna çenli ägirt uly territoriýada aramey ýazgysy ýa-da onuñ esasynda döredilen ýazgylar ulanylypdyr. Arameý

ýazgysy Arameyler imperiýasynda hem giñden ulanylypdyr. Ahameniler imperiýasy synandan soñra (b.e.öñki IV asyrda) gadymy pars şine şekilli ýazgysy ulanylmakdan galyp onuñ ýerini hem arameý ýazgysy eýeläpdir. Şondan soñ arameý alfawiti Eýranyñ, Orta Aziýanyñ, Owganystanyñ (Baktriýa), Hindistanyñ, Zakawkaziyanyñ, Kici Aziýanyñ ýerlerine ýaýrap onun esasynda bir topar ýerli ýazgy sistemalary doredilipdir.

Orta Aziýada aramey alfawitiniñ esasynda parfiýan, orta pars (pehlewi), horezm, sogdiana ýazgylary, Hindistanyn demirgazygynda bolsa brahmi we khoroşti ýazgylary döredilipdir. Sogdiananyñ üsti bilen aramey alfawitiniñ esasynda doredilen ýazgylar kem-kemden "Beýik ýüpek ýolunyñ" ugry bilen Ýedisuwa, Hytaý Türkistanyna, Mongoliýa we Manjuriya çenli baryp ýetipdir. Arameý Yazgysynyñ esasynda döredilen Sogdiana alfawitiniñ esasynda uýgur, gadyym turk, mongol, manjur, burýat, oyrat ýazgylary-da doredilipdir. Arameý ýazgysynyñ esasynda ýörite Awesta alfawiti hem döredilipdir.

3. Aramey ýazgysynyñ ýaýraýyş shemasy.

Arameý Palmira Gruzin Ermeni Pehlewi Parfiýan Sogdiana G.Horezm Khorşti Awesta Siriýa Nabateý Uügur Orhan-Yeniseý Gadymy türk Arap Mongol Manžur

**b) Gadymy pars şine şekilli ýazgysy.**

Meýilnama:

1. Pars dilli halklaryñ iñ gadymy ýazgylary we ýazgy ýadygärlikleri.
2. Gadymy pars şine şekilli ýazgysynyñ tazeden dikeldilşi we ähmiýeti.
3. Gadymy pars şine şekilli ýazgysynyñ düzümi.

Öñden belläp geçişimiz ýaly Finikiýa alfawitiniñ esasynda dörän arameý ýzgysy Gündogar, aýratyn hem Ýakyn

we Orta Gündogar ýurtlarynda döredilen ähli alfawitleriñ diýen ýaly esasynda durupdyr. B.e.öñki I muñýyllygyñ başlaryndan başlap arameý ýazgysy kem-kemden bu ýerde ýaşan ýerli halklaryñ dillerindäki tekstleri hem ýazmak üçin ulanylyp başlaýar.

Awesta arap basybalyşlaryndan ozal Eýranyñ we Orta Aziýanyñ döwlet dini bolan zoroastrizm dininiñ mukaddes tekstleriniñ toplumy hökmunde biziñ döwrümize gelip ýetipdir. Eýranyñ, Orta Aziýanyñ araplaryñ basyp almagy we yslam dininiñ ornaşdyrylmagy bilen zoroastrizm dininiñ tarapdarlary basga ýurtlara gitmäge mejbur bolupdyrlar.Olaryñ köpüsi bolsa Hindistanda we onuñ bilen goñşy bolan ýurtlarda ýerleşipdirler.

Awestanyñ teksti halkara syýasy ýagdaýyñ üýtgäp durmagyna baglylykda dürli wagtlarda düzülipdir.

1. Awestanyñ iñ gadymy bolegi b.e.öñki III müñýyllygyñ II-nji ýarymynda Orta Aziýada döräpdir.
2. Awestanyñ birnäçe bölümleri bolsa zorostrizm dinini esaslandyryjy Zoratuştra pygamberiñ ady we onuñ dini taglymaty bilen baglydyr.
3. Ýene-de gijiräk Ahemeniler döwründe b.e.öñki VI-IV asyrlar Awestanyñ soñky bölekleri duzulipdir. Şu döwürde Zoroastrizm dini has uly abraýa we güýje eýe bolýar.

Sasaniler dowründe III-VII asyrlarda bolsa ol döwlet dinine öwrülýär. Awestanyñ arameý haty esasynda döredilen aýratyn öz alfawiti bolupdyr. Awesta gadymy pars dilinde ýazylypdyr. Eýranda we Orta Aziýada Ahemeniler dinastiýasynyñ häkimdarlyk eden döwründe b.e.öñki VI-IV asyrlar arameý alfawiti esasynda düzülen hatlar bilen bir hatarda şine şekilli ýazgysy hem ulanylypdyr. Şine şekilli ýazgy esasan Ahemeni patşalarynyñ atlaryny ebedileşdirmek üçin dagyñ gaýalaryna,köşkleriñ, ybadathanalaryñ diwarlaryna ýazylýan gysgajyk tekstleri ýazmak üçin ulanypdyrlar.

Häzir şine şekilli hatyñ açylyşynyñ taryhy bilen gysgajyk tanyşyp geçeliñ.

XVIII asyra gelip şine şekilli hatyñ birnäçe nusgasy şol sanda Persopol ýazgylaryndan 1711-nji ýylda syýahatçy Şardýon tarapyndan göçürilen bir tekstiñ we Eýrandan Ýewropa eltilen alebastr wazasynyñ ýüzindäki ýazgylaryñ doly nusgasy çap edilýär. Daniýaly syýahatçy Kareten Nibur tarapyndan 1765-nji ýylda Persopol ýazgylaryndan göçürilen nusgalaryñ ähmiýeti has-da ulydyr. Ol nusgalar 1778-nji ýylda çapdan çykýar. Kareten Nibur tarapyndan göçürilen nusgalar soñra şine şekilli ýazgyny okamak üçin esas bolup hyzmat edýärler.

Baryp XVII asyrda Pýetro della Walle dik çyzylan şineleriñ ujynyñ sag tarapa gyşarýandygy esasynda şu hatyñ çepden saga tarap okalýandygyny belläp geçýär. Hat setirlerinde tiz-tizden gaýtalanýan kese şinäni bolsa söz bolüji belgi hökmünde belläp geçýär. Emma XIX asyryñ şindi şine şekilli ýazgynyñ ýekeje teksti hem doly okalmady, şine şekilli belgileriñ añladýan ses belgileri hem we olaryñ haýsy dilde ýazylandygy hem belli däldir. Tekstleriñ, ýazgylaryñ içinde ýerleşdirilen adamlaryñ ýüz-keşbi, geýimleri esasynda alymlar ilki bilen şu ýazgynyñ ýazylan döwrüni anykladylar. Bu ýazgylaryñ Ahemeniler döwrüne ýagny b.e.öñki VI-IV asyrlara degişlidigi anyklanyldy. Şine şekilli hatyñ okalmagy bilen taryhçylar şol wagta çenli ulanyp bilmän gelýän b.e.öñki I müñýyllygyñ ortalaryna degişli bolan köp sanly ähmiýetli ýazgy çeşmelerinden peýdalanmaga mümkinçilik gazandylar. Dilçiler bolsa b.e.öñki VI-IV asyrlara degişli bolan Eýran topar dilleri boýunça öran gymmatly materiallar aldylar. Gadymy pars şine şekilli haty bahasyna ýetip bolmajak taryhy çeşmedir. Olar Eýranyñ we onuñ bilen goñşy ýurtlaryñ b.e.öñki I müñýyllygyñ ortalaryndaky taryhy durmuşy görkezýän dokumentleriñ asyl nusgasydyr. Şine şekilli hatlar, olarda görkezilýän syýasy wakalar bilen dowürdeş bolup, 2,5 müñ ýyl mundan ozal nähili görnüşde ýazylan bolsa şol görnüşde hem biziñ döwrümize gelip ýetipdir. Olar kitap tekstlerinde bolşy

ýaly giçki üýtgeşiklere duçar bolmandyrlar. Şine şekilli ýazgylar taryhçylara Ahemeniler döwletiniñ emele gelşi, tagt ugrundaky goreş Ahemeniler döwletiniñ araçäkleri dogrysynda taryhçylara köp maglumatlar berdi.

Özüniñ gurluş düzgüni boýunça gadymy pars şine şekilli haty sillabik ýa-da bogun ýazgysydyr. Bu ýazgyda her bir belgi ýä-da çekimli sesden, ýa-da çekimsiz sesiñ çekimli ses bilen birleşmesini emele gelen boguny añladýar. Şeýle bogun ähmiýetine eýe bolan belgiler şine şekilli hat-da jemi 36 sanydyr. Şolardan:

3 sany belgi çekimli sesden ybarat boguny añladýar.

22 sanysy a sesi goşulan çekimsiz bogunlary añladýar.

7 sanysy y sesi goşulan çekimsiz bogunlary añladýar.

4 sanysy hem i sesi goşulan çekimsiz bogunlary añladyar.

Bulardan başga-da aýry-aýry many aňladýan birnäçe ideogramma bar.

2 sany hem söz bölüji belgi, hem-de sanlary añladýan aýratyn belgiler bolupdyr. Häzirki dowürde şine şekilli hatyñ haýsy wagtda we nireden gelip gadymy pars diliniñ ýazgylary üçin ulanandygy belli däl. Ýöne şu ýazgylaryñ köpüsi Ahemeni patyşalary Dariý I (b.e.öñki 522-486ý) we Kserks I (b.e.öñki 486-465ý) adyndan ýazylypdyr. Emma olardan irki döwürlere Kire (b.e.öňki 558-529) we Dariý I ata-babalaryna (VII asyryň ahyry we VI asyryň başlary) degişlileri hem bar.

Gadymy pars şine şekilli ýazgysynyň düzümi.

Çekimli bogunlary aňladýan belgiler – 3 sany

Yzyna a çekimlisi goşulan çekimsiz bogunlary aňladýan belgiler – 22 sany.

3) Ýzyna u çekimlisi goşulan çekimsiz bogunlary aňladýan

belgiler – 7 sany

Söz böluji belgiler.

Ideogrammalar.

Sanlar.

Gadymy pars şine şekilli ýazgysynyň okalyş nuşgasy (Behistun ýazgysyndan).

Adama DA RA Uwa WA UŞ a HA ŞA.

Gadymy pars şine şekilli ýazgysynda her bir belgi ýa çekimsiz sesi ýa-da çekimsiz sesiniň çekimli sesi bilen goşulmagyny aňladypdyr. Mysal üçin: belgisi R hökmünde hem-de RA hökmünde okalyp bilner.

Ýa-da WA ZA RA KA sözi WA ZA RA KA, WA Z RA KA ýa-da WA Z RA K hökünde okalyp bilner.

Ýa-da MA RA GU ŞA sözi MA R GU Ş – diýlip okalyp bilner.

## Tema 6: Parfiýa ýazgysy we onuň ýadygärlikleri

Meýilnama:

1. Parfiýa (oblast) we Parfiýa döwleti barada gysgaça maglumat.
2. Parfiýa ýazgysynyň ýadygärlikleri.
3. Parfiýa ýazgysyny täzeden okamakda Nusaý dokumentleriniň ähmiýeti.
4. Parfiýa alfawitiniň düzümi.

1. Parfiýa Merkezi Aziýanyň gadymy taryhy medeni oblastlarynyň biri bolup, ol parfiýa diliniň, medeniýetiniň we zikgesiniň dörän

ýeridir.Parfiýa Kaspi deňziniň Günorta-Gündogarynda ýerleşen welaýat bolup, Demirgazyk –günbatarda Girkaniýa, Demirgazykda Horasmiýa, Gündogarda Margiýana, Günorta-gündogarda Areýa, Günortada bolsa Kerman bilen araçäkleşipdir..Häzirki döwürde gadymy Parfiýanyň ýerleri Eýranyň Demirgazyk-gündogar prowinsiýalary bolan Horasanyň we Mazenderanyň bir bölegini we Türkmenistanyň Günorta-günbatar bölegini öz içine alypdyr. Ahemeniler imperiýasy döremezinden öň Parfiýa Midiýa döwletiniň iň çetki welaýaty hasaplanypdyr. B.e.öňki VI-IV asyrlarda Ahemeniler imperiýasy tarapyndan basylyp alnypdyr. Ol imperiýa synandan soňra Parfiýa Aleksandr Makedonskiniň imperiýasynyň we Selewkiler döwletiniň düzümine giripdir. Parfiýa oblastynyň merkezi Nusaý şäheri bolupdyr.B.e.öňki I asyryň we b.e. I asyrynyň sepgidinde ýaşap geçen geograf Strabonyň ( ol b.e. 19 ýylynda aradan çykypdyr) maglumatlaryna görä, Parfiýa üsti tokaýlyk bilen basyrylan onçakly uly bolmadyk daglyk ýurt bolupdyr.Parfiýanyň üstünden gadymy döwürde örän uly ähmiýeti bolan Beýik ýüpek ýolunyň Midiýadan Baktriýa, Girkaniýadan Areýa gidýän iki sany şahasy geçipdir. Şol ýollar boýunça-da b.e.öňki

330-ýylda Aleksandr Makedonskiniň goşunlary geçipdir.Özbaşdak, garaşsyz döwlet statusyny bolsa Parfiýa Arşakiler dinastiýasy döwründe (b.e.öňki 250-b.e.226 ýyllary) alypdyr.Arşakiler dinastiýasyny esaslandyran Arşak I b.e.öňki 250-nji ýylda Selewkilere garşy göreşe başlapdyr. Tiz wagtyň içinde ol Selewkileriň häkimiýetini agdaryp garaşsyz Parfiýa döwletini döredip oňa Girkaniýany hem goşupdyr. Soňra patyşa Mitridat I-iň döwründe (b.e.öňki 174-136 ý.) Parfiýa döwletiniň düzümine Midiýa, Elam, Persida, Mesopotamiýanyň bir bölegi, Wawiloniýa, Ermenistan, Margiýana ýaly ýurtlar goşulypdyr. Şeýlelikde, b.e. öňki II asyrda ýyl-ýyldan güýçlenýän Parfiýa döwletiniň çäkleri Gündogarda Gindiguş daglaryndan, - Gunbatarda Ýefrat derýasyna, Demirgazykda Eкmenistandan başlap, Günortada Pars aýlagyna çenli bolan ýerleri öz içine alypdyr. Parfiýa döwletiniň paýtagty ilki Ekbatany şäherine göçürilipdir, soňra b.e.öňki II asyryň ortalarynda Ktesifon şäherine göçürilipdir (hazirki Bagdat şäheriniň golaýynda).B.e.öňki II asyryň başlarynda Parfiýa döwleti bilen Hytaýyň we Hindistanyň arasynda yzygiderli söwda aragatnaşyklary ýola goýlypdyr. Parfiýa döwleti 5 asyra ýakyn dowam edipdir (b.e.öňki 250-b.e. 226ý.) Onuň synmagy Eýranda dörän Sasanylar dinastiýasynyň taryhy arena çykmagy bilen baglydyr. Sasanylar dinastiýasyny esaslandyran Fars welaýatynyň häkimi Artaşir I Papakan b.e.220 ýyllarynda Parfiýa garşy baş göterip, 224 ýylda Parfiýanyň iň soňky patyşasy Artaban V-iň goşunlaryny ýeňip 226-njy ýýlda bolsa Parfiýa döwletiniň paýtagty Ktesifony eýeläpdir..Sasanylaryň häkimiýeti hem örän uzak, ýagny 4 asyrdan gowrak dowam edipdir. Parfiýa oblasty hem Sasanylar döwletiniň düzümine giripdir. Sasanylar döwletiniň ilkinji ýyllrarynda Parfiýa we parfiýanlar sasany ýazgy ýadygärliklerinde entek duş gelmeýär. Soňra Sasanylar imperiýasynda administratiw reforma geçirilende Parfiýa Abarşahr welaýatynyň düzümine

goşulypdyr. Şondan soň``Parfiýa`` we ``parfiýanlar`` Sasanylar döwletiniň resmi ýazgylarynda ýatlanmaýar.

2. Parfiýa ýazgysynyň ýadygärlikleri.

Parfiýan dili Eýran dil toparynyň demirgazyk-günbatar dialektine degişli bolupdyr. Ahemeniler döwrüne degişli parfiýan dilinde we ýazgysynda hiç-hili ýadygärlik ýokdyr. Aleksandr Makedonskiniň we Selewkileriň döwründe grek dili we ýazgysy resmi döwlet dili we ýazgysy hasaplanypdyr. Şeýle ýagdaý Arşakileriň dolandyran ilkinji döwründe hem dowam edipdir. Oňa Parfiýa monetalarynyň ýüzündäki ýazgylar we ozalky Parfiýa döwletiniň territoriýasyndan tapylan dokumentler şaýatlyk edýär.Mysal üçin: Parfiýa patyşalarynyň şekilleriniň aşagynda Bisütin gaýasyna ýazylan ýazgylar; b.e.öňki 88 we 22-nji ýyllara degişli dokumentler, Dura-Ýeropos galasyndan tapylan dokument- grek dilinde we ýazgysynda ýazylypdyr.Diňe b.e. I asyryndan başlap Parfiýa döwletinde parfiýa diline we ýazgysyna resmi taýdan geçipdirler. Bu ýagdaý Parfiýa döwletinde Arşakileriň kiçi şahasynyň häkimiýet başyna gelmegi bilen baglydyr. Kiçi Arşakileriň häkimiýet başyna geçmegi bilen ýerli tradisiýalara – däp-dessurlara dolanyp gelýärler.Oňa mysal edip:

1) Parfiýa monetalarynyň ýazgylaryny;
2) B.e.öňki I asyryna degişli Sarypuldan tapylan diwar ýazgylaryny;
3) B.e 215-nji ýylyna degişli Suzy şäherinden tapylan dokumenti;
4) B.e. III asyrynyň başlaryna degişli günorta Horosanyň Kala-i
5) Jengal diýen ýerinden tapylan ýazgyny görkezmek bolar.

Bularyň hemmesi-de parfiýan dilinde we ýazgysynda ýazylypdyr. B.e. I-II asyrlaryna degişli şeýle ýazgylar Kürdistandaky Awroman diýen ýerden, Eýranyň Kumis diýen ýerinden , Mesopotamiýanyň Nippur diýen ýerinden, Gadymy

Merwden hem tapyldy.Parfiýa ýazgysy Sasanylaryň ilkinji döwründe hem ulanylypdyr. Oňa mysal edip:

1) Artaşir I (b.e 224-241 ýý.) döwründe ýazylan Nakş-i Rustem ýazgysyny;

2) Şapur I (241-272 ýý.) adyndan Nakş-i Rajab we Hajyabad ýazgylaryny;

3) Patyşa Narseniň (293-303 ýý) Paýkuni diýen ýerdäki

ýazgylaryny görkezmek bolar. Bu ýazgylar 3 ýazgyda, ýagny grek, parfiýan we orta pars ýazgylarynda ýazylypdyr.Parfiýa dilinde we ýazgysynda ýazylan ýazgylaryň ýene-de bir topary –Maniheý dini tekstleridir. Maniheý dini tekstleri

1893-1911-njy ýyllar aralygynda Gündogar Türküstanda1893-1895-nji ýyllarda W.I.Roborowskiniň we P.K.Kozlowyň ýolbaşçylygyndaky rus arheologik ekspedisiýasy;

1) 1902-1903-nji ýyllarda Turfanda geçirilen nemes arheologik

ekspedisiýasy;

2) A.Steýniň ýolbaşçylygyndaky Dun-Huanda geçirilen iňlis

ekspedisiýasy tarapyndan tapylypdyr.

Ol dini tekstleriň köpüsi Mani pygamberiň ömri, döredijiligi wetaglymaty bilen bagly bolup, Parfiýa döwleti ýykylandan soňky döwre degişlidir. (Mani pygamber b.e.215|216- nji ýylynda doglup, takmyndan 277 –nji ýylda aradan çykypdyr.) Mani pygamberiň tarapdarlary sasanylar döwletinde zoroastrizm ini resmi döwlet dini diýlip yglan edilenden soň zoroastrizm ruhanylary tarapyndan yzarlanypdyr we Eýranyň territoriýasyndan kowlup çykarylypdyr. Olar ilki Orta Aziýada we Demirgazyk Hindistanda, soňra bolsa Gündogar Türküstanda ornaşyp dini tekstleri ýygnamak, redaktirlemek we göçürip ýazmak bilen tä IX-X asyrlara çenli meşgullanypdyrlar.Parfiýan ýazgysynyň esasy ýazgy

ýadygärlikleri Günorta Türkmenistanda, ýagny Köne we Täze Nusaý galalarynda 1948-1954-nji ýyllarda tapylypdyr. 1948-nji ýylda Gunorta Türkmenistan arheologik kompleksleýin ekspedisiýasynyň (ÝuTAKE) M.I.Wýazmitiniň ýolbaşçylygyndaky II otrýady Täze Nusaý galasynda gazuw-barlag işleri wagtynda ýüzüne gara reňk bilen hat ýazylan 6 sany hum bölegini tapdy.1949-nji ýylda şunuň ýaly ýüzi hatly palçykdan bişirilen ýene-de bir hum bölegi Köne Nusaýdan tapyldy. Soňky ýyllarda Täze we Köne Nusaý galalarynda geçirilen gazuw işleri netjesinde şunuň ýaly hatly hum böleklериniň sany has-da artdy. Häzirki wagtda olaryň sany 2 müňden-de geçýär.Parfiýan patyşalarynyň arhiwi diýen ady alan bu dokumentler parfiýa taryhyny öwrenmekde has-da uly ähmiýete eýedir. Baryp XIX asyryň ahyrynda hem Parfiýanyň taryhy barada köp zatlar belli däldi. Parfiýa taryhy üçin onçakly bir ähmiýete eýe bolmadyk yzygidersiz käbir maglumatlar Parfiýa döwletiniň duşmanlary bolan grek, rim ýazyjylarynyň edebi eserlerinden hem-de ermeni, hytaý hronikalaryndan alynýardy. Bu maglumatlar arkaly bolsa parfiýan patyşalarynyň hakyky taryhyny öwrenmek mümkin däldi.Şeýle ýagdaýda Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagty bolan Nusaýdan tapylan dokumentler özleriniň many taýdan onçakly baý bolmazlygyna garamazdan Parfiýanyň geçmiş taryhyny öwrenmekde ullakan rol oýnady. Esasan hem bu dokumentleriň gadymy Parfýanyň öz hakyky territoriýasyndan tapylandygydyr. Özüniň many taýyndan Nusaý dokumetleri hojalyk we salgyt dokumentleri bolup, parfiýan dilinde ýazylypdyrlar. Bu dokumentler parfiýan döwletiniň salgyt sistemasy, iň gowy çakyr sortlary we Türkmenistanyň territoriýasynda bolan üzümçilik barasynda hakyky faktlary berdiler. Olardan başgada Nusaýdan tapylan parfiýan dokumenteri Orta Aziýadan tapylan iň gadymy ýazgy ýadygärligidir. Parfiýan döwrüne degişli ýazgy ýadygärlikleriniň tapylmagy ullakan ylmy ähmiýete eýedir.

Çünki Nusaý dokumentleri tapylýança parfiýan döwrüne degişli dokumenterini barmak basyp sanaýmalydy, parfiýan dilinde ýazylanlary bolsa ýeke-täk diýsek hem ýalňyşmarys. Parfiýan döwrüne we Parfiýa patyşalygynyň territoriýasyna degişli dokumentleriň bir näçesi Awroman , Dura-Ýewropos hem-de Suzy şäherinden parfiýan patyşasy Artaban III-niň Suzy şäherine iberen haty tapyldy. Bulardan başga-da Dura-Ýewroposdan tapylan semit hem-de latyn ýazgylaryny hem-de Wawiloniýadan tapylan birnäçe şine şekilli hat ýazylan tabletkalary bellemek bolar.Parfiýan dilinde ýazylan dokumentleriň bolsa bary-ýogy Awromandan we b.e.I asyryna degişli Saripuldan tapylan iki sanysy bellidi. Bulardan başgada b.e.I asyryndan başlap çykarylan parfiýa teňňeleri b.e. ozalky III-I asyrlara degişkli Parfiýa patyşalaryna bakna bolan Fars hökümdarlarynyň teňňelerini almak bolar. Gijiräk fars awtorlary tarapyndan redaktirlenen pehlewi-kitap stilinde ýazylan ``Palma bilen geçiniň jedeli`` we ``Zarera barada ýatlama`` diýen iki sany eser hem parfiýan diliniň ýadygärligine girýär.Parfiýan dilinde goşgy hem-de proza görnüşinde ýazylan maniheý dini tekstleri Sin-szýandan (Hytaý Türkestany) tapyldy. Olar parfiýan dilinde ýazylan bolsa-da has gijiräk Parfiýa döwleti ýykylandan soň parfiýa dilinde gürlän Horasan ilaty tarapyndan düzülipdir. Görşümis ýaly Nusaý dokumentleri tapylýança belli bolan parfiýan ýazgy ýadygärlikleriniň sany onçakly bir uly däl. Parfiýan dilinde ýazylyp parfiýan döwrüne degişli ýadygärlik bolsa diňe Awromandan tapylan ýekeje dokumentdi. Teňňeleriň ýüzündäki ýazgylar bolsa özüniň häsiýeti hem-de has gysgalygy zerarly parfiýa alfawitini dikeltmek üçin esas bolup biljek däldi. Şeýle ýagdaýda Parfiýan ýazgysyny okamak we alfawitini dikeltmek diňe Nusaýdan tapylan dokumetleriň esasynda mümkin boldy. Nusaý dokumentleri ýitip giden parfiýan alfawitini dikeltmekde esasy material bolup hyzmat etdiler.Nusaý dokumentleriniň ählisi hem gara reňk bilen hum

böleklerine ýazylypdyr-lar. Palçykdan bişirilen hum bölekleri ähli gadymy gündogar ýurtlarynda hojalyk dokumentlerini, şahsy hatlary hem-de okuw türgenleşik ýazgylaryny ýazmak üçin material hökmünde ulanylypdyr.Nusaý dokumentlerini okamaklyga semitologlar, iranistler, dilçiler we taryhçylar gatnaşdylar. Deşifrowka işini esasan hem görnükli sowet gündogary öwrenijileri I.M.Dýakonow, M.M.Dýakonow we W.A.Liwşis alyp bardylar. Bu ady tutulan 3 alymlaryň hemmesi birlikde iş alyp bardylar.Ilki bilen Nusaý dokumentleriniň arameý haty esasynda düzülen alfawitinde ýazylandygy anyklandy. Arameý haty esasynda düzülen soňky alfawtleriň ählisinde bolşy ýaly parfiýan alfawitinde hem 22 sany harp bolupdyr diýlip çaklanýar. Emma häzirki wagtda 21 sanysyny anyklamak başartdy. Parfiýa alfawiti esasan b.e.önki II asyryna degişli Nusaý dokumentleriniň esasynda täzeden dikeldilendir.

Parfiýa alfawiti:

| | | |
|---|---|---|
| 1. | – alef | – a |
| 2. | Bet | – b |
| 3. | Gimel | – g |
| 4. | Dilet | – d |
| 5. | He (he) | – e |
| 6. | Waw | – u,w. |
| 7. | Zaýn | – z |
| 8. | Het | – h |
| 9. | Tet | –t |
| 10. | Ýod | – ý,i |
| 11. | Kaf | -k |
| 12. | Samek | –s |
| 13. | Lamed | –l |
| 14. | Mem | –m |
| 15. | Nun | –n |
| 16. | Aýn | –o |
| 17. | Pe | – p |

| | | |
|---|---|---|
| 18. | tsade | – ts |
| 19. | Kof | –k |
| 20. | Reş | – r |
| 21. | Şin | –ş |
| 22. | Taw | - t |

## Tema 7: Orta pars (pehlewi) dili we ýazgysy.

Meýilnama:

1. Orta pars dili we ýazgysy. Döreýşi we ösüş etaplary.
2. Orata pars (pehlewi) ýazgysynyň ýadygärlikleri:
   a) gaýa ýazgylary;
   b) monetalaryň, möhürleriň we gap-gaçlaryň ýüzündäki ýazgylar;
   c) orta pars edebiýaty;
   d) maniheý dini tekstleri;
   e) pehlewi papiruslary;
   f) sasany bullalary.
3. Orta pars ýazgysynyň düzümi.

1. Orta pars dili Eýran dil toparynyň günorta-günbatar dialektine degişli bolup, ol gadymy pars diliniň neslidir. Orta pars diliniň ilkinji dörän we ýaýrap başlan ýeri Eýranyň günorta böleginde ýerleşen, gadymy pars döwletini we şine şekilli ýazgylary döreden Ahemeni patşalarynyň ýurdy bolan Pars (          ) welaýatydyr. Ahameniler imperiýasynyň däp-dessurlaryny täzeden döreden Sasanylar urugy hem şu ýerden çykypdyr. Pars welaýatynyň esasy şäheri hem paýtagty Istahr şäheri bolupdyr. Kem-kemden artan pars dili Parsdan demirgazyga we gündogara ýaýrap baslaýar Casanylar hakimiýeti döwründe ýagny b.e. III-VI asyrlarynda ol döwletiň hem zoroastrizm dininiň resmi diline öwrülýär. Orta pars dilini Sasanylar imperiýasynyň çäklerinden daşda ýaşaýan maniheý dini jemagatlarynda hem ulanypdyrlar. Zoroastrizim ruhanylarynyň arasynda orta pars dili ýazgy hem dini edebiýat dili hökmünde Eýranu araplar basyp alanlaryndan soň hem bir näçe asyryň dowamynda ulanulypdur.

Orta pars diliniň umumy hronologik çäkleri takmyndan b.e.ö IV asyrdan başlap .b.e. VII-VIII asyrlary bilen senelenýär. Orta pars diliniň dowamy (käbir diolekt aýratynlyklaryna garamazdan ) ”täze pars dili“ ady bilen belli bolan farsi ýa-da farsi dari dilidir. Coňra “täze pars” diliniň (farsi ) bazasynda özbaşdak milli we edebi dil ýagny häzirki pars dili , täjik dili we owgan-dari dilleri döräpdir.

Şeýlelikde orta pars dili öz wagty boýunça gadymy pars dili bilen täze pars dili bilen täze pars diliniň arasynda duran dildir. Orta pars dilinde gürlän adamlar oňa “Parsid” ýa-da “Parsik” diýipdirler. Coňra b.e.X-XI asyrlaryndan başlap “Farsi” diýlende täze pars dili göz öňüne tutulypdyr. Ol wagtda eýýäm ulanylmakdan galan, emma ýazgy ýady-gärliklerinde, dini we çeper eserlerde saklanyp galan orta pars dilini (Parsik) täze pars dili bilen garyşdyrmazlyk üçin oňa “Pahlavi” diýip başlapdyrlar. ”Pahlavi” termini pahlaw (Par-fiya) sözünden gelip çykýar. Bu söz orta pars dilini we ýazgysyny aňlatmak üçin rus dili ylmy edebiýatyna pehlewi görnüşinde giripdir. Orta pars diliniň ösüş taryhyny iki döwre, ýagny irki (Arşakitler döwri) we giçki (Sasanylar döwri ) döwürlere bölýärler. Ýöne bu iki döwrüň araçägini kes-gitlemek örän kyndyr. Çünki eger Parfiýa döwrüne degişli monetalaryň ýüzünde saklanyp galan örän gysga ýazgylary hasaba almasak, onda irki ýa-da Arşakitler döwrüne degişli orta pars diline degişli hiç hili ýazgy ýadygärligi ýokdyr.

Häzirki wagtda belli bolan irki döwri giçki döwürden tapawutlandyrýan aýratynlyk käbir çekimsiz sesleriň aýdyly-şynyň üýtgemegidir.

Mysal üçin irki döwründe gaty aýdylýan p,t,k sesleri giçki döwründe  (sasanylar) – b,d,g ýaly ýumşak aýdylýan sesler bilen çalşylypdyr.

## Orta pars ýazgysynyň ýadygärlikleri.

Orta fars alfawiti hem arameý haty esasynda düzülipdir. Arameý haty esasynda düzülen beýleki alfawitlerde boluşy ýaly

orta fars alfawitlerinde hem ses ähmiýetine eýe bolan 22 sany belgi bolan.

Orta fars alfawiti esasan hem Sasanidler dinastiýasy döwründe ulanýar.

Umuman orta fars ýazgysynyň ýadygärlikleri uly möçberde Sasanidler dinastiýasynyň häkimýet başyna çykan soň ýüze çykyp başlaýar (224-651ý)Sasaniler döwletinde orta fars dili döwlet hem diniň resmi dili bolupdyr.

Şu döwürde orta fars dilinde dini hem-de dünýewi manyda ýazylan köp eserler peýda bolýar. Orta fars döwründen galan ýazgy ýadygärlikleriniň sany gaty köp. Şoňa göräde biz olary birnäçe esasy topara bölýaris.

1) gaýa ýazgylary;
2) teňňeleriň, möhürleriň we gap-çanaklaryň ýüzündäki ýazgylar;
3) dini we syýasy eserler;
4) maniheý tekstleri;
5) papiruslar
6) sasany bullalary;

Gaýa ýazgylary.Gaýa ýazgylary esan hem III-IV asyrlara degişli bolyp ilkinji Sasany patyşalary tarapyndan galdyrylypdyr. Meselem, Sasaniler döwletiniň düýbini tutujy Argaşir I (224-241) we Şapur I (241-272)- degişli gaýa ýazgylary Hakş-i-Rustem, Hakş-i-Radisab we Hadžiabat diýen ýerlerde saklanyp galypdyrlar. Şonuň bilen birlikde patyşa Nares (293-302) Paýkulidaky we Şapur II(309-379) hem-de Şapur III (383-388) hazirki Kermanşah şäheriniň ýanyndaky Tak-i Bustan-daky ýazgylar degişlidir.

Bu ýazdylar möçberi boýunça onçakly uly bolman sasani patyşalarynyň atlaryndan we titullaryndan ybaratdyr. Olar esasan hem parfiýan we orta pars dillerinde ýazylypdyr.

Bu ýazgylar hemişe diýen ýaly patyşanyň söweşleri we ýeňişlerini görkezýän suratlar bilen bezelipdir. Meselem.

Ahemeniň patyşasy Dari I gubury erleşen gaýanyň ýüzünde Sasaniler tarapyndan patyşa Şapur I-ň 260 ýylda Rum imperatory Waleriany esir alşyny görkezýän surat çekilipdir.

Häzirki döwürde Sasani gaýa ýazgylary oňat öwrenildi. Olara bagyşlanan sowet we daşary ýurt alymlarynyň köp sanly işleri bar.

2. Teňňeleriň, möhürleriň we gap- gaçlaryň ýüzündäki ýazgylar.

Orta fars gaýa ýazgylarynyň okalmagy dürli Muzeýlerde toplanan köp sanly sasany teňňeleriniň, möhürleriniň ýüzündäki hatlary okamaga hem mumkinçilik döretdi.

Sasani döwrüne degişli ýüzi hatly kümüşden ýasalan gap- gaçlary ullakan toplumy S. Peterburgdaky döwlet Ermitažyn-da saklanýar.

Orta fars (pehlewi) Ýazgysynda ýazylan ýüzi hatly bir näçe hum bölegi gazuw-barlag işleri döwründe Köne Merw-den hem tapyldy.

Teňňeleriň möhürleriniň we gap-gaçlarynyň ýüzündäki ýazgylaryň poçerki orta fars alfawitiniň ösüşiniň ikinji etapy-dyr. Olarda şindi gaýa ýazgylarynda bolmadyk çalt ýazmak ýa-da harplary bir birleri bilen goşup ýazmak düzgüni ulanýar

Orta pars dini we dünýewi eserleri

Özüniň manysy boýunça orta pars edebiýaty dini we dün-ýewi eserlere bölünýär.

Bu ýadygärlikleriň ählisi arameý hatynyň bir görnüşi bo-lan-pehlewi –kitap stilinde ýazylypdyrlar. Bu eserleriň

käbir-leriniň VIII-X asyrlara degişliligine garamazdan, esasy bölegi Sasanylar döwründe ýagny III-VII asyrlarda ýazylypdyr.

Bularyň köpüsi Hindistanda we Eýranda ýaşan zoroastrizm dini obşinalarynyň kömegi bilen biziň döwrümize gelip ýetdi. Olar şol eserleri nesilden nesile geçirip biziň döwrümize çenli saklap gelipdirler.

Ol döwrüň dini esrleri esasan hem zoroastrizm ruhanylary tarapyndan, ýygnalan, redaktirlenen gadymy Awestanyň tekstlerinden ybaratdyr. Dini eserler bilen bir hatarda Sasaniler döwründe düzülen birnäçe dünýewi eserler hem bi-ziň döwrümize gelip ýetdi. Olaryň iň gadymysy (500 ýyl töweregi) ”Zarera barada ýatlama” diyen eserdir. Bu eser hionit (efýamit) patyşasy Arjasi bilen Eýran patyşasy Wiştasyň arasyndaky urşy beýan edýär.

VI asyryň ahyruna orta pars edebiýatynyň iň oňat eserlerinden biri bolan “ Patyşa Ardaşir Papakanyň edermen-likleri” diýen eser degişlidir. Bu taruhy eser Ardaşir Papa-kanyň (224-241) Parfiýa döwletini agdaryp Sasaniler döw-letini esaslandyryşy barada gürrüň berýär.

Orta pars edebiýatynyň ýadygärlikleri şu ýokarda ady tutulan eserler bilen çäklenmeýär. Olaryň sany gaty köp, ýöne olaryň köpüsi Sasaniler dinastiýasy ýykylandan soň ýazylypdyr.

Maniheý tekstleri.

Maniheý dini tekstleri öň aýdyp geçişimiz ýaly XX asyryň başynda Gündogar Türkistanyň Turfan diýen ýerinden ta-pylýar. Bu tapyndylaryň köp bölegi dürli golýazmalara degişli bolan aýry-aýry listlerden ybaratdyr. Wagty boýunça bolsa Hytaýda Tan dinastiýasynyň häkimdarlyk eden döwrüne degişlidir ýagny VII-X asyrlar.

Gündogar Turkestanda Maniheý dini dokumentleriň tapyl-magy tötänden däldir. III-IV-asyrlarda Eýranda ýazgarylan Mani “pygamberiň” tarapdarlary ilki bilen Horasana, Orta Aziýa gaçyp, soňra hem Gündogar Turkestanda

ýerleşýärler. Gündogar Turkestandaky geçirilen gazuw-barlag işleri Orta Aziýanyň we Eýranyň taryhyny diňe bir orta pars golýaz-malary bilen dälde, eýsem parfiýa, sogdiana, tohar, sak dillerindäki ýazgylar bilen hem baýlaşdyrdy.

Pehlewi napiruslary.

Pehlewi napiruslary Müsüriň Faýum oblastyndan tapylýar. Olar VIII asyra degişli bolup pehlewi golýazmalarynyň iň gadymysy hasaplanylýar. Pehlewi napiruslary çalt ýazýlýan poçerkde ýazylypdyrlar.

Bu papiruslar Moskwanyň, Berliniň, Wenanyň, Parižiň we Oksfordyň muzeýlerinde saklanýarlar.

Sasany bullalary

Bulla-bu örän oňat eýlenen palçyk bölekleri bolup, gady-my we orta asyrlarda söwdagärler-täjirler tarapyndan içi ha-rytly gaplaryň, haltalaryň agzyny möhürlemek üçin ulanylyp-dyr. Häzirki wagtda ulanylýan plombalar, zurguçlar ýaly olaryň ýüzüne gysgajyk ýazgy ýazylypdyr ýa-da haýsyda bolsa bir surat çekilen möhür basylypdyr. Şeýle bullalar arhiologiki gazuw-agtaryş işleri wagtynda Türkmenistanda hem - Artygyň ýanyndaky Akdepeden hem Merw oazisinde ýerleşen Göbekli depeden köp mukdarda tapyldy. Ýöne nebsimiz aygrsada olaryň hiç biriside entek okalmandyr.

3 Orta pars ýazgysynyň düzgüni

Orta pars ýazgysynda finiki – arameý alfawitlerindäki R we F harplary ýokdur. Olaryň erine täze - harplary goşulypdyr.

Orta pars ýazgysy ähli finikiýa – arameý ýazgylary ýaly sagdan çepe ýazylýar we okalýar.

(he), (tet), we (aýn) belgileri diňe ideografalarda duş gelýär.

Orta pars ýazgysynyň okalyş nusgasy;

Monogrammalar.

-AXM-Hamadan.

-AIRAN- Eýran.

-ART-Artaşir.

- RU-Reý
- TUS-Tus
- MRW-Merw

Patyşalaryň atlary

-Warahran
-Şapur
-Kawat
-Artaşir.

## Tema 8: Sogdiona ýazgysy

Meýilnama:

1. Sogdiýana we sogdianalylar barada gysgaça maglumat.
2. Sogdiana ýazdysy we onuň Sogdiananyň çäklerinden daşaryk ýaýramagy.
3. Sogdiana ýazgysynyň ýadygärlikleri.

a) Moneta ýazgylary.(b.e o I as);
b) Köne hatlar (b.e.oII asyry)
w) Moniheý dini tekstleri;
g) Çeper eserler;
c) Mongoliýanyň territoriýasyndan tapylan ýadygärlikler.
d) Mug dakumentleri.

4) Sogdiana ýazgysynyň düzgüni.

1. Sogdiýana ilkinji gezek b.e o VI asyra degişli ýazgy ýadygärliklerinde duş gelýär. Şol wagtlar Sogdiana dien ýurt merkezi Samarkant bolan zerawşan derýasynyň töwereklerini hem-de şol derýanyň ýokary akymynda erleşen Usturşana dien daglyk ýurdy öz içine alypdyr.

Sogdianalylaryň Zerewşan derýasynyň kenaryny özleşdirmegi b. e II müňýyllygyň II ýarymynda I müňýyllygyň II ýarymyna ,I müňýyllygyň başlaryna degişlidir. Yöne olaryň bu ere haçan we nireden gelendikleri barada entek maglumat ýokdur.

Yöne Sogdianalylaryň Zerewşan derýasynyň kenarlaryny b.e.o Imüňýullygyň I ýarymynda dojy özleşdirendikleri anykdyr. Ony arheologiki materiallar doly görkezýär. Sogdianalylaryň Günortada baktriýalylar g.o g.b-da parfiýalylar we margiýanalylar ,D we D Gündogarda saklap, Günbatarda Horasmiler goňşylary bolupdyr

Soggiananyň gadymy pars ýazgy çeşmelerinde ýatlanýan iň gadymy ady -Sugda ýa-da Suguda bolupdyr. Grekler bu ýurda Sogdiana diýip, ilatyny bolsa Sugdot diýip atlandyrypdyrlar. (Gerodot) ylmy edebiýatda ýazylýan Sogd. ady bolsa grekçe aýdylşyna esaslanypdyr.

B.e.o.VI-IV asyrlarda Sogdiana gadymy pars Ahemeniler döwletiniň düzümine giripdir.

Sogdianalylaryň Zerewşan derýasynyň jülgesiniň çäklerinden çykmagy b.e.o IV –III asyrlarda başlanyp Sogdy. Al. Makedonskiniň basyp almagy weSamarkandyň ýumrulmagy we onuň ilatynyň gyrylmagy bilen baglydyr. Hytaý ýazgy çeşmeleriniň maglumatlaryna görä sogdianalylar ilkinji gezek b.e.o III asyrda Hytaýyň çäklerinde peýda bojupdyrlar.

Sogdianadan daşary sogdianalylaryň obalary esasan orta er deňiz kenar ýurtlaryny Hindistan bilen birleşdirýän halkara kerwen söwda ýollarynyň ugrunda erleşipdir.

2 Sogdianalylaryň Merkezi we Gündogar Aziýa ýurtlaryna ýaýramagy bu erlerde sogdiana diliniň, medenietiniň we ýazgysynyň bu ýurtlara ýaýramagyna getiripdir . Şol döwürde Sogdiana dili we ýazgysy Buharadan başlap tä Beýik Hytaý diwaryna çenli aralyga ýaýrapdyr. Sogdianalylar Buddizm dininiň Merkezi Aziýa (Baktriýa, Sogdiana, Margiana ) ýurtlaryna , Maniheý dininiň Merkezi Aziýa döwletlerine we Hytaý, Hristian dininiň Merkezi Aziýa ýurtlaryna ýaýramagyna uly goldaw beripdirler.

Arhaologik maglumatlar we ýazgy çeşmeleri boýunça Sogdianalylaryň köp sanly obalary b.e. V-VI asyrlarynda Fergana jülgesinde Edisuwda we Çagda bolupdyr.

b.e.629-630-ýyllarynda bütin Merkezi Aziýany we Owganstany aýlanyp çykan Buddamonahy we Hytaý syýahatçysy Sýuan –Szýanyň maglumatlaryna görä Edisuwdan tä Keşe (Garşy) çenli bolan aralyga Sogdiana diýipdirler. Olaryň diline bolsa suli diýipdirler.

Şeýlelikde b.e VII asyrynyň I ýarymynda Sogdiana dili we ýazgysy Zerewşan we Kaşkaderýa jülgelerinde, Çagda, Edisuwda Syrderýa kenarlarynda giňden ýaýrapdyr we ulanylypdyr diýip aýtmak bolar.

Bu netijäni Zerewşan jülgesinden, Ustruşanadan, Edisuwdan tapylýan arheologik tapyndylar hem doly tassyklaýar.

Şu ady tutulan oblastlarda ilatuň etiki düzüminiň dürli-dürli bolmagyna garamazdan (Bu erlerde b.e. VIIIasyrynda sogdianalylar bilen birlikde eftalitler, türkler, çaglylar, ferganalylar, parslar we araplar ýaşapdyrlar.) b.e.IX asyryna çenli sogdiana dili we ýazgysy esasy bolupdyr. B.e.IX asyryndan başlap bu erde sogdiana dili we ýazgysy kem-kemden arap dili we ýazgysy bilen çalşyrylypdyr.

3 Sogdiana ýazgysynyň ýadygärlikleri.

a) Häzirki wagtda belli bolan sogdiana ýazgysynyň iň gadymy nusgalary monetalaryň ýüzünde saklanyp galan ýazgylardyr. Öl monetalar b.e.o I-asyra degişli bolup Zerawşan derýasynyň jülgesinde zikgelenipdir. Olary De Lafuýe, Henning, B.A Liwşiniň,B.Lukonin, E. Zeýmal we O. Smirnowa Yaly alymlar öwrenipdirler. Moneta ýazgylary örän gysga bolup, olar Sogdiana ýazgysy barada ullakan degerli maglumat berip bilmeärler.

b) Yaşy boýunça 2-nli erde durýan Sogdiana ýazgysynyň iň gadymy ýadygärlikleri “Köne hatlar” ady bilen ylma giren ýazgylardyr. Olar şahsy hatlardan ybarat bolup bary-ýogy 9 sanydyr. Ol hatlar 1906-njy ýylda iňlis arheologi A.Steýn tarapyndan Beýik Hytaý diwarynyň ýykylyp ýumrulan gözegçilik giňinden tapylypdyr. Ol hatlar Samarkantdan gelip Hytaý goşunynda hakyna tutma esgerler tarapyndan öz öýlerine, Samarkanda ibermek üçin ýazylypdyr. Emma olar nämedir bir sebäp bilen ýykylan başnýada galypdyrlar.

“Köne hatlar” sogdiana ýazgysynyň gadymy nusgasynda ýazylup b.e.II asyry bilen senelenýär.

w) Maniheý dini tekstleri .

Öňden belleýşimiz ýaly Maniheý dini tekstleri XIX asyryň aýaklarynda XX asyryň başlarynda Gündogar Türküstanda rus, nemes we iňlis arheologlary tarapyndan tapylypdyr. Many pygammeriň tarapdarlary Eýrandan kowulyp çykarylandan soň Gündogar Türüstanda erleşip dini tekstleri, redaktirlemek, terjime etmek we göçürip ýazmak bilen meşgullanypdyrlar.

Ol tekstleriň köpüsi b.e V-VI asyrlaryna degişli bolyp sanksrit,hytaý ,orta pars, parfiýa ,tohar dillerinden sogdiana diline geçirilipdir.

Turfandan tapylan halk ertekileriniň bölekleriniň görkezişi boýunça Gündogar halklarynyň folkler sýujetleriniň ýaýramagynda sogdianalylaryň roly örän üly bolupdyr. Mysal üçin ;gadymy hindileriň “Pangatatra” eseriniň Günbatara, Gresiýanyň miflerinüngogara ýaýramagy.

Maniheý dini tekstleri bir näçe bölümden ybaratdyr. Olaryň içinde birinji erde sogdiana diline terjime edilen

1. buddizm dini eserleri durýar. Olar Gündogar Türküstanyň Dunhuan diýen erinden (“ Peşera tysýaç Budd”) tapylypdyr. Olaryň anyk senesi belli däldir.,şoňa görä-de VIII-IV asyrlar bilen senelenýär.Bu eserler hytaý, sankskrit tohar (puçi) dinlerinden Sogd dinine geçirilipdir. Ol tekstler häzir Parijiň milli kitaphanasynda we Britan muzeýinde saklanýar.

2. Sogdiana-maniheý tekstleri.Olar hem Turan oazisinden IX asyra degişli uýgur hanlygynyň paýtagty Kogo şäheriniň harabaçylygyndan arheologiki gazuw –agtaryş işleri wagtynda tapylypdyr. Olaryň köpüsi orta pars we parfýan dillerinden Sogdiýana diline we ýazgysyna geçirilipdir. Bu tekstler hem takmyndan b.e VIII-IX asyrlary bilen senelenýär.

Bu tekstleriň aglaba köpüsi Mani pygamberiň (b.e. III asyry ) öz işlerinden ýagny ündewlerinden ybarat bolup, olar soňra mani pygamberiň şägirtleri tarapyndan toplanypdyr.

3 Maniheý dini tekstleriniň 3-nji toparyna sogdiana – hristian

,tekstleri ýa-da sogdiana diline geçirilen hristian dini eserleri girýär.

Bular Turfan oazisiniň Bulaýlyk şäherçesinden tapylypdyr. Ol tekstler häzir Berlinde saklanýarlar. Sogdiana-hristian tekstleriniň aglaba köpüsi Gündogar Hristian dininiň resmi dili bolan siriýa dilinden terjime edilipdir. ýazgy ýadygärlikleriniň ene-de bir topary halkyň ruhu we dünewi durmuşy bilen bagly bolan çeper eserlerdir. Olaryň içinde has bellisi "Bessantara jataky" diýen eserdir. Bu eseriň hytaý we tibet dilerinde saklanyp galan nusgalaryny peýdalanmak bilen fransuz alymy Benwenist ony doly terjime edipdir. Bu seririň sogdiana dilindäki nusgasy 1513 setirden ybarat bolupdyr. Bu eseriň manysy şeýleräkdir.

Köp wagtlap çagasy bolmadyk bir patyşanyň ogly bolýar. Onuň adyna Sudaşan goýýarlar.Kämillige etende ony öz halan owadan bir gyza öerýärler. Olarda iki çaga dogulýar. Olar bagtly durmuşda agzybirlikde ýaşapdyrlar.

Nähilidir bir erbet işi üçin kakasy Sudaşany adam ýaşamaýan wagşy-ýyrtyjy haýwanlaryň we adam iýýän döwleriň mekany bolan gurap ýatan daglyk ere sürgün edýär.

Şazadanyň garşylygyna garaman onuň owadan aýaly hem iki çagasyny alyp onuüşýär.

Şazada Sudaşan özüniň sahylygy, jomartlygy bilen tapawutlanýan eken. Şoňa görä-de ol ýol üçin berilen ähli zatlaryny mätäçlere paşdyryp berýär. Olar suwsyz-azyksyz güýçden gaçyp bir çöllükden barýarkalar Hudaýyň olara rehmi gelip olaryň öňünde bir köşk bina edýär. Az-kem dynç alandan soň kakasynyň buýrugyny bozmajak bolup köşki taşlap ýoluny dowam etdirýär.

Soňra öz kakasynyän erine etip, ol erde bir kümejik edinýär. Olaryň külbesine bir geçip barýan adam gelip, ondan çagalaryny bermegi soraýar. Sudaşan çagalaryny berýär. Soňra

Hudaý şazadanyň sahylygynyň çägini barlamak üçin onuň ýanyna bir garryja adamyny iberip ondan aýalyny soramagy tabşyrýar.Sudaşan aýalyny hem berýär.Emma garry aljyrap, soydyp gelerin diýip aýalyny alman gidýär.

Eseriň soňunda patyşanyň haýyşy boýunça Sudaşan öz ýurdyna dolanyp gelýär,patyşa bolsa ony öz tagtynda oturdýar.Sudaşan we onuň raýatlary bagtly durmuşda ýaşaýarlar.

Eseriň soňunda Sudaşanyň Buddadygy aýan edilär.

Sogdiana dilinde we ýazgysynda başga-da bir näçe eser saklanypdyr. Olaryň arasynda pälwan Rüstem we onuň aty Rahş bilen bagly eser “Kalila we Dimna” diýen basnýa we başga eserler saklanypdyr.

d. Mongoliýanyň territoriýasyndan tapylan ýadygärlikler

Merkezi Aziýada sogdianalylaryň we türk taýpalarynyň köp asyrlap dowameden aragatnaşyklary VI-IX asyrlardaky türk döwletlerinde sogdiana ýazgysynyň ýaýramagyna getiripdir. Baxşgaça aýdanymyzda sogdiana ýazgysy gadymy türk ýazgylaryny ýazmak üçin giňden ulanylypdyr.

Birinji türk kaganatlarynynyň döwrüne degişli ýazgy ýadygärligi Merkezi Mongoliýanyň buguta diýen erinden tapylypdyr. Ol ýazgy gonamçylykda oturdylan ullakan stellanyň ýüzüne ýazylypdyr.

Bu ýazgy b.e. 581-587 ýyllar aralygynda ýazylyp I türk kaganatlygyna degişli eke-täk ýadygärlikdir. Sogdiana dilinde we ýazgysynda ýazylyp anyk senelenen ýadygärlikleriň içinde “Köne hatlardan” soň 2-nji erde durýar. Bu ýazgy ýadygärlikleri I türk kaganatlygynda sogdiana diliniň we ýazgysynyň resmi taýdan ulanandygyna şaýatlyk edýär.Sogdiana diliniň we ýazgysynyň bu territoriýada uzak wagtlap ulanandygyny äpet uly granit stellasyna ýazylan VIII asyryň başlaryna degişli dünýä belli Garabal gasun ýazgysy-da

görkezýär. Ol üç dilde, ýagny gadymy türk, hytaý we sogdiana dillerinde ýazylypdyr.

e. Mug dokumentleri.

Täjikstanyň Haýrabat obasynyň golaýynda erleşen “Kala-n Mug” ” Muglar galasy”diýen dagyň üstünde erleşen bir ymaratyň harabaçylygyndan 1932-ýylda erli çopanlar agaç çybyklaryndan örülen bir sebet tapypdyrlar. Ol sebediň içinden haýwanlaryň derisine, agaç çybyklaryna we kagyza ýazylan köp sanly ýazgy tapypdyrlar.

Çopanlar ýazgylyderi bölekleriniň birini getirip Täjigistanyň döwlet arhiwine tabşyrypdyrlar. Tiz wagtda ol ýazgynyň fotokopiýasy Peterburgly gadymy Aziýa dilleri boýunça görnükli alym SSSR YA-ň Karr- çleni A.A Freýmana gowuşýar.

1933-ýylda A.A Freýmanyň ýolbaşçylygynda Mug dagyna eksprdisiýa guralypdyr.Mug dagynyň depesinde erleşen köşgiň harabaçylygynda geçirilen barlag işleriniň netijesinde deriniň,agaç bölekleriniň, kagyzyň ýüzüne ýazylan ýazgylaryň 81 sanysy tapylypdyr. Bularyň içinde diňe 1 dokument arap dilinde kagyzyň ýüzüne, galanlary bolsa sogdiana dilinde we ýazgysynda ýazylypdyr.

Ol dokumentler ylmy edebiýatda “Mug dokumentleri”ady bilen bellidir.

Mug dokumentleri görnükli gündogarşynaslar A.a.Freýman , W.A Liwşin, O.I Smirnowa, IÝÜ. Kraçkowskiý tarapyndan okalypdyr hem öwrenilipdir.

Mug dokumentleri Hytaý hem gadymy Hind dilindäki dini tekstlerden terjime edilen Gündogar Türkestandan tapylan sogd dokumentlerinden düýbünden tapawutlanypdyrlar. Mug dokumentleri esasan hem sogd. halkynyň gündelik durmuşy bilen bagly bolan hojalyk dokumentlerinden, şahsy hatlardan, şertnamalardan ybarat bolupdyr.

a.A Freýmana 13sany hojalyk dokumentini we Sogd. kalendaryny okamak başardypdyr. Mug dokumentleriniň çalt ýazylýan poçerkde ýazylmagy onuň okalyşyny hasda kynlaşdyrypdyr.

Şeýle bolmagyna seretmezden Mug dokumentlerini okamaklyk amala aşyryldy. Olar Sogd. halkynyň arap basybalyjylaryna garşy göreşini aýdyň görkezýärler.

Şolar bilen birlikde Mug dokumentleri ozal ylma belli bolmadyk Zerewşan jülgesinde erleşen köp sanly oblastlaryň,okruglaryň atlaryny belli etdi.

Tapylan ýazgylaryň içinde Sogd. halkynyň gündelik durmuşyny görkezýän dokumentler hem bar.

Meselem VII-VIII asyrlara degişli Sogdianalylaryň nika şertnamasyny alyp göreliň

Dugdonça diýeň Sogdiana gyzy Ut-tegin diýen baý türk bilen nikalaşýar; Şertama şeýle başlanýar;"Ut-tegin Dugonçany öz söýgüli, hormatly aýaly hökmünde saklap, ony hemme gerek zatlar bilen – iýer ,içgi, egin, eşik bezeg şaýlary bilen üpjün etmegi we öz öýünde iöýgüli aýallary bilen bir hatarda deň hukukly aýal edinjekdigine söz berär we kasam edýär"

Nika şertnamasynda şeýle punkt hem bar.Ýagny "Eger Dugonça Ut-teginiň aýaly bolmak islemese ol öz islän wagty onuň öýünden gidip biler".

Bulardan başgada Mug dokumentlrinde Sogdiana patyşalarynyň girdejileri we çykdajylary barada köp materiallar bar.

Mug dokumentleri esasynda biz Sogdiananyň VIII asyrda araplara boýun egendigini bilýäris.

Mug dokumentleri VII-VIII asyrlara degişli Sogdiananyň durmuşynyň dürli taraplary boýunça ylma köp gymmatly materiallary berdiler.

Sogdiana alfawitinde häzir 18 harp belli edilipdir.Ol hem beýleki Merkezi Aziýa ýazgylary ýaly arameý ýazgysynyň esasynda döredilipdir.

Sogdiana alfawitiniň düzgüni.

1Alef -a 11.Kaf

2Bet -b
3Gimel -g
4Dilet -
5He -
6Wab -b,u.
7Zaýn -z
8Het -h
9Tet -t
10Ýod -ý,h.

Sogdiana ýazy ýadygärliklerinden belli bolyşyna görä Sogdiana dili Eýran dil toparynyň gündogar diolektine (şiwesine degişli bolupdyr.

Sogdiana dili esasan biziň günlerimize çenli gelip eten VIII-IX asyrlara degişli Sogdiana dili hasap edilýär. Gadymy Sogdiana dili entek gowy öwrenilen däldir. Çünki ol döwre degişli ýazgy ýadygärlikleri örän azdyr

Orta sogdiana diliniň bir diolekti häzirki ýagnob dili alymlara örän köp materiallary beripdir.

Ýagnoblar häzir kiçijik etniki topar bolup, olar Merkezi Täjigistanyň barmasy kyn bolan daglyk raýonlarynda Ýangob derýajygynyň kenarynda ýaşaýarlar. Olaryň jemi sany 3müň adama ýakyn bolup, köpüsi täjik dilinde, galanlary bolsa hem täjik hem ýangob dillerinde gürleärler.

Häzirki ýangob dilini M. S .andreew, E.M Peşerowa , L.A.Hatagurow, M.N. Bogomobow, A,L.Hromow, R.Gotwo, G.Ýunker, E.Benwenist ýaly alymlar öwrenipdirler.

## Tema 9: Gadymy Horezm we gadymy türk runy ýazgylary

Meýilnama:

1. Gadymy Horezm ýazgysynyň gelip çykyşy.
2. Horezm ýazgysynyň ýadygärlikleri we olary okamak üçin edilen synanşyklar.
3. Gadymy türk ýa-da orhon-eniseý runy ýazgysy we onuň ýadygärlikleri.
4. Gadymy türk (orhon-eniseý) ýazgysynyň ses harp düzümi .

Horezm alfawiti ilkinji gezek S.P Tolstowyň ýolbaşçylygyndaky horezm arheologo-etnografiki ekspedisiýasynyň işleri netijesinde belli boldy.

Horezm alfawiti gagymy ahemenidler döwletiniň kanselýarinden ulanylan arameý hatyna has ýakyndyr. Ol klassik arameýalfawiti esasynda düzülen bolup onüň bir görnüşidir.Horezm alfawiti parfiýan ,sogd, orta fars alfawitlerine seredende gadymy arameý hatynyň tradisiýalaryny has köp saklapdur.

2.Ilkinji gezek gadymy horem ýazgysy teňňe ýazgylarynyň esasynda mälim boldy.

Parfiýa patyşalygynda boluşy ýaly Horezmde hem teňeler ilki grek dilinde hem-de grek ýazgysy bilen çykarylypdyr.

Teňňeleriň ýüzünde horezm ýazgylarynyň peýda bolmagy biziň er, II asyrynyň ahyryna we IIIasyryň başlaryna degişlidir. Şu teňňeleriň ýüzündäki ýazgylar Horezm ýazgy ýadygärlikleriniň iň irkisi hasaplanýar.

Gijiräk 1945-ýylda horezm ň köşgi bolan Toprak-galany gazuw-barlag işleri döwründe diwaryň ýüzüne çekilen suratlaryň we palçykdan ýasalan heýkelleriň arasynda ýüzüne hat ýazylan bir-näçe agaç bölekleri tapyldy.

Bu agaç bölejikleriniň ýüzündäki hatlar gara tuş bilrn gadymy horezm alfawitinde kspedisiýanyň ýolbaşçysy prof. S.P Tolstowyň pikirine görä bu ýazgylar Horezmde ilkinji gezek duş gelen hojalyk dokumentleridir.

1948 we 1949-ýyllarda ady tutulan Toprak-galada gazuw işleri dowam etdirilende gadymy Horezm ýadygärlikleri köpçilikleýin tapylyp başlady.Bu ýazgylaryň has köprägi adaç böleklerine we deriniň ýüzüne ýazylypdyrlar.

Hemmesi 140 dokument tapylyp,olaryň 122 sanysy deriniň ýüzüne ýazylypdyr. Emma derä ýazylan ýazgylaryöpüsi oňat saklanmandyrlar.

Deriniň ýüzüne ýazylan dokumentleriň diňe 8-si we agaja ýazylanlaryň 18 sanysy oňat saklanypdyr we ýeňil okalmaga mümkinçiligi bar.

S.P Tolstowyň aýtmagyna görä, agaja ýazylan ýazgylaryň köpüsi adam atlaryndan we ilatly puntlardan ybarat bolup, fars gramatikasynyň “k” suffiksi bilengutarýarlar.Dokumentler pars diliniň bir diolektinde ýazylypdyrlar.

Has gijiräk ossuariýaleriň ýüzüne ýazylan gadymy-horezm ýazgylary Garagalpakstandaky Tok-galada gazuw-barlag işleri döwründe A.W. Gudkowa tarapyndan tapyldy.

Şeýle gadymy -horezm ýazgy ýadygärlikleriniň köp tapylmagyna seretmezden gadymy-Horezm alfawiti doly dikeldildi diýmek bolmaz. S.P Tolstow tarapyndan edilen synanşyklar häzire çenli garaşylan üstünlikleri getirmedi. Ol tarapyndan okalan bir-näçe harplar hem şindi tasyklanmalydyr.

Biziň pikirimize görä gadymy-Horezm alfawitini dikeltmekde hem parfiýan ,sogd alfawitlerinde boluşy ýaly dilçileriň ,taryhçylaryň, sungaty öwreniji alymlaryň bileilkdäki zähmetizerurdyr.

3. Gadymy türk ýa-da orhon-eniseý runy ýazgysy käbir alymlaryň pikirine görä sogdiýana ýazgysynyň esasynda

döredilip Sibiriň territoriýasynda ýaşan türki taýpalarynda ulanylypdyr..

Runy adyny bu ýzgy gaşky görnüşi boýuça gadymy Skandinabiýa we german halklarynyň runalaryna meňzeşligi üçin alypdyr. Bu ýazgy barada ilkinji maglumatlar XVII asyryň aýaklarynda –XVIII asyryň başlarynda Eniseý derýasyna ýakyn gaýalaryň ýüzünde köp sanly ýazgylar tapylandan soň belli bolýar. Ýöne köp wagtlap alymlar ol ýazgylaryň syryny açyp bilmändirler. Runy ýazgylaryny okamaklyk 1889-ýylda rus syýahatçysy N.M Ýadrinsew orhon derýasynyň ýokary akymynda (Dem. Mongoliýa) iki ýzgyda- runy we hytaý ýazgylarynda ýazylan parallel ýazgylar tapylandan soň mümkin bolýar. Ony ilkinji okan Daniýaly alym W.Tomsendir. Tomsene ol Yazgylaryň türk dilinde VIII asyrda ýazylandygyny anyklamak başardypdyr.

Soňra 1894-ýylda rus alymy W.W Radlow bu ýazgyda ýazylan iň uly ýazgyny terjime edipdir. Şondan soň alymlar gadymy türk runy ýazgylaryny öwrenmeklige içgin girişýärler.ýadygärlikleriniň sany hem artypdyr.Gadymy türk runy ýazgylary Mongoliýadan, Tuwadan,Sinsyzýadan, Altaýdan, Baýkal kölüniň töwereklerinden,orta Aziýadan, hatda Don derýasynyň kenarlaryndan we Wengriýadan hemtapylypdyr.Ol ýazgy ýadygärlikleriniň köpüsi gabyr üsti daşlarynyň,gaýalaryň we daşlaryň ýüzüne ýazylyp, kä halatlarda kagyxa ýazylan dini manyly ýazgylarda gabat gelýär.Gabyr üsti daşlarynyň ýüzüne ýazylan ýazgylar aýratyn hem Gyrgyzystanyň territoriýasynda köp duş gelýär. Orhon-eniseý runy ýazgylar adatça 2 görnüşde- monumental ýazgylarda we çalt ýazylýan (skoropis) görnüşinde ulanylypdyr. Monumental ýazgylarda runy ýazgysynyň belgileri ýazylan ýerine we wagtyna baglylykda bir näçe görnüşde ýazylypdyr.

Gadymy türk runy ýazgysynda jemi 38 sany ses aňladýan belgi bolup, olar çekimli we çekimsiz sesleri

aňladypdyr.Köp halatlarda çekimsiz sesleri aýan belgiler özlerinden soňky gelýän çekimli sese baglylykda dürli-dürli ýazylypdyr. Şoňa görä-de käbir çekimsiž sesleriň 5-e çenli görnüşi bolupdyr.

Gadymy türk runy ýazgysy sagdan çepe ýa-da sütün görnüşinde ýokardan aşaklygyna ýazylypdyr hem-de okalypdyr. Ýokardan aşaklygyna ýazmaklyk käbir alymlaryň pikirine görä hytaý ýazgysynyň täsiri astynda döräpdir.

Gadymy türk runy ýzgysynyň iň iri we irki ýadygärlikleri Mongoliýanyň territoriýasyndan tapylan Buguta we Garabalgasun ýazgylary bolup olar VI we VIII asyryň başlaryna degişlidir.

4.Gadymy türk runy ýazgysynyň ses harp düzümi.

## Tema 10: Arap ýazgysy

Meýilnama:

1. Araplar we Arap halyfat döwleti barada gysgajyk taryhy maglumat.
2. Arap ýazgysynyň gelip çykyşy.
3. Arap ýazgysynyň ses-harp düzümi.
4. Arap ýazgysynyň görnüşleri (nashi,kufa, sals,talik we nashtalik)

1. V-VI- asyrlarda Arabystan ýarym adasynyň köp böleginde beduinler diýen at bilen belli bolan göçme çarwa taýpalary ýaşapdyrlar.Beduinleriň hojalygynyňesasy pudagy düçilik,atçylyk we goýunçylyk bolupdyr.

Şol göçüp-gonup ýören beduin-arap taýpalary V-VI- asyrlarda Urug-taýpa obşina döwrüni başdan geçirýärler.

Maldarçylyk bilen bir hatarda şu döwürde Arabystanyň suwly raýonlarynda ekerançylyk hem bolupdyr.

Bu döwürde Arabystanda merkezleşdirilendöwlet bolmandyr. Arabystanyň ähli ilty çarwadyr hem, ekerançylar bolup taýpa-taýpa bolup ýaşapdyrlar.

Şu döwürde-Arabystan ýarym adasynyň şäherlerinde söwdagärçilik aýratyn hem ösüpdir. Halkara söwda-kerwen ýollaryndaýerleşendigi üçin arap söwdagärleri esasan alyp satmak işleri bilen meşgul bolupdyrlar.

VI- asyryň ahyrlarynda, VII-asyryň başlarynda Arabystanda ýaşaýan taýpalaryň durmuşynda täze jemgyýetçilik aragatnaşyklary ýüze çykyp başlaýar. Bu ý Arabystan taýpalarynyň hemmesini birleşdirip biljek nähili-de bolsa bir güýjiň bolmagyny talap edipdir. Şeýle güýç hem täze dörän yslam dini bolýar.Yslam dini Arabystan taýpalarynyň durmuşynda ýüz beren üýtgeşiklere gabat gelipdir.

Täze diniň peýda bolmagy bilen dini guramalar hem ýüze çykýar. Şeýle guramalaryň döredilmeginiň düýp maksady

bolsa Arabystanda merkezleşdirilen bir döwlet gurup, üýç arkaly halk köpçüligini az sanly barly adamlara tabyn etmekden ybarat bolupdyr.

Orta Aziýany basyp alyş döwründe araplar hojalyk hem-de medeniýdan Orta Aziýa halklaryndan gaty yzda durýarlar. Şu dürde bütin gadymy dünýäni öz içine alan köpe jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň krizisi Arabystan taýpalarynyň durmuşyna hem uly täsir edýär.Bu döwürde öň uly girdeji getirän söwdanyň möçberi kemelär, şäherlerde hem-de göçme taýpalarda synpy gatnaşyklar ýitileşýär.

VII-asyryň I ýarymynda Arabystanda dörän täze din Yslam tiz wagtda bütin Arabystana ýaýraýar. Bu dini esaslandyryjy Mekke şäherinde ýaşan Muhammet pygammer bolýar.

Täze dörän din arap taýpalarynyň ýolbaşçylary tarapyndan merkezileşdirilen döwlet gurmak ulanýarlar. Gurulan döwletiň başynda bolsa dini hem-de syýasy häkimiýeti öz eline alan Muhammet oturdylypdyr.

Muhammediň yzyny tutujy-şägirtleri halyf(orunbasar,wekil) diýen ady alýarlar.Şu döwürden başlap dýip atlandyrylyp başlanýar.

Täze dörän döwlet özüniň ilkinji günlerinden başlap basybalyjylyk urşuna girişýär.Dolandyryjy toparlar basybalyjylykly urşlamak bilen, uruş netijesinde basyp alnan oljalaryň hasabyna synpy gapma-garşylyklary ýok etmäge synanşypdyrlar.

Urşa başlanlarynda araplar din ugrunda mukaddes uruş alyp barýas diýip yglan edýärler. Emma köp wagtlarda boluşy ýaly bu gezek hem din sözi diňe basybalyjylaryň esasy maksadyny gizlemek üçin ulanylypdyr.

Bizantiýa hem-de türk kanagatlygy bilen uzak wagta çeken agyr uruşlarda gowşan Sasanidler döwleti araplaryň garşysyna uzak wagtlap durup bilmeýär.Mälim bolşy ýaly Orta

Aziýanuň köp bölegi, şol sada Günorta Türkmenistan hem Sasanidler döwletiniň sostawyna girýärdi.

ViI-asyryň 30-40 ýyllarynda araplar tarapyndan eýýäm ýakyn we Orta Gündogaryň köp ýurtlary,şol sanda Sasanidler döwletiniň üregi bolen Eýran, Yrak basylyp alyndy.Sasanidler döwletiniň iň soňky patyşasy Iezdigerd III-araplara garşy güýç toplamak üçin öz döwletiniň demirgazyk prowinsiýasy bolan Horasana gaçyp gelýär. Emma erli halk we onuň Horasadaky wassaly oňa hiç hili kömek bermän, gaýtam 651 ýylda merwde onuň zoüni öldüryärler.

Şu 651 ýylyň içinde araplar bütin Horasany basyp alýarlar Nusaý,Abiweru,Merw şäherleri uruşsyz araplara boýun egýärler.

VIII-asyryň başlarynda Kaspinzinden başlap tä Amyderýa çenli Türkmenistanyň bütin territoriýasy basylyp alynýar.

VIII-asyryň ortalarynda Horezm we bütin Orta Aziýa basylyp alynýar.Araplar öz basyp alan ýerlerinde täze yslam dinine ýol açmak maksady bilen şäherleri ýumrup, medeni we ýazgy ýadygärliklerini ýok edýärler.

Olar güýç bilen öz dinlerini ornadyp ýerli halklaryň dinlerini we ýazuwyny arap dili hem-de ýazuwy bilen çalşyrýarlar.

### *Arap alfawitiniň gelip çykyşy.*

2.Köp wagtlap yslamda arap alfawiti yslam dini bilen bagly diýen pikir bolup, onuň gelip şykyşyny cos- göni yslam dininiň emele gelmegi bilen baglanyşdyrýarlar.

Emma soňky wagtda arheologiki açyşlaryň netijesinde arap alfawitiniň hem beýleki alfawitler bilen bir hatarda Finikiýa alfawitinden baş alýandygy belli bolýar.

Arap alfawiti şu aşakdaky üş ýolyny geçipdir.Öňden belli boluşy ýaly Finikiýa alfawitinden Gündogarda arameýhaty emele gelýär. Arameý hatynyň esasynda bolsa

parfiýa,sogdiana,orta pars, gadymy Horezm hem-de pamir ýazgylary gelip çykýar.Nabateý haty hem öz gezeginde arap alfawitiniň easasy bolup hyzmat edýär.

Orta asyr yslam ruhanylary arap alfawiti öň bolman ol Hudaý tarapyndan Muhammet pygammere iberilen “gudratly kitap” Gurhanyň esasynda düzüldi diýip dşündirýärler.

Şu ýerden hem arap hatynyň asmandandüşenligi we gudraty baradaky toslamalar ýaýrapdyr.

Gündogar burŽuaz alymlary arap hatynyň Hudaý tarapyndaniberilendigini inkär etselerde, arap hatynyň emele gelişi diňe yslam dini bilen baglanyşdyrypdyrlar. Olar Siriýa we Nabateý hatlary arap hatynyň esasynda düzlen diuşündirýärler. Emma soňky ýyllarda Arabystanda geçirilen arheologik gazuw-barlag işleri araplaryň yslamdan ozal Nabateý hatynda ýazandyklaryny subut etdi.

Musulman ýylynyň Hijräniň ilkinji ýyllarynda arap hatynda dine Kufa hem-de Nash diýen 2 görnüşi bolupdyr. Bu poçerkleriň ikisi hem bir wagtda nabateý hatyndan emele gelipdir.

Kyfa poçerki ilkinji gezek Siriýanyň Kufa şäherinde ulanyp başlaýar. Şoňa göräde ol arap alfawitinden ozalky siriýa hatynyň täsirinde ösüpdir.

Nahs poçerki araplar tarapyndan Müsüre getirilip bu ýerde özbaşdak ösüp başlaýar.Şonuň üçinde Nahs özüniň ilkinji formasyny gowy saklapdyr.

2. Arap alfawitiniň ses-harp düzümi.

3.Arap ýazgysynyň görnüşleri. Arap ýazgysynyň örän köp görnüşleri bolup, olaryň giň ýaýrany şu aşakdakylardyr.

a. Nahs (nashi,neshi) poçerki arap ýazgysynyň iň irki görnüşleriniň biri bolup, ol gündelik ýazgynyň poçerkidir.

Nusga:

b.Kufa poçerki.

Ýazgy ýadygärikleriniň görkezişine görä Kufa poçerki yslamyň irki döwründe, ýagny 4 çaryýarlaryň (11-40.h,ý)-

Abu-Bekiriň (632-634),Omaryň (634-644),Osmanyň(644-656), Alynyň (656-661) hem-de Omeýýatlar dinastiýasy döwründe (41-132)giňden ulanylypdyr.Ilkinji Gurhanlar hem Kufa ýazgysynda ýazylypdyr.

Ilki başda Kufa ýazgysynda 22 harp ulanylypdyr. Sebäbi Kufa ýazgysynda köp harplar bir görnüşde ýazylypdyr.

Kufa ýazgysy ýazmak üçin köp wagt talap edenligi üçin ol kem-kemden ýeňil we çalt bolan nahs ýazgysy bilen çalşyrylypdyr.

Kufa poçerkiniň iň kyn we amatsyz ýeri onda asdyn-üstin nokatlarynyň ýoklugydyr. Mälim boluşy ýaly arap ýazgysynyň adaty görnüşinde köp harplar bir mes ýazylyp, olar asdyn-üsdün nokatlarynyň sany we ýeri boýunça bir-birinden tapawutlandyrylýar.

Şoňa görä-de Kufa poçerki Xi-XII asyrlara gelip adaty ýazgy hökmünde ulanylmakdan galýar. Soňra ony köşkleriň, metjitleriň,mawzoleýleriň diwarlarynda, monetalaryň, gap-gaçlaryň ýüzünde owadan ýazgy we nagyş hököminde ulanypdyrlar.

Kufa ýazgysy ýazylýan ýerine baglylykda , meselempullaryň, gap-gaçlaryň, diwarlaryň, gabyr üsti daşlaryň ýüzünde dürli-dürli ýazylypdyr.

Nusgalary aýry listlerde berilýär.

w. Sols (solsi,sulsi) poçerlki.

Arap ýazgysynyň sols görnüşi nahs we Kufa ýazgylaryna seredeniňde gijräk ýüze çykypdyr.Ol arap ýazgysynyň yzygiderli netijesinde peýda bolupdyr.

Sols ýazgysy kalligrafiýa (owadan, bezeg) ýazgysy bolup gündelik ýazgyda ulanylmandyr. Ol esasan mukaddes Gurhandan parçalar we golýazmalaryň atlaryny, söz başylaryny ýazmak üçin ulanypdyrlar. Ýazgynyň nusgalary we ýazylyş usullary aýratyn listde berilýär.

g. Taalik we Nahstaalik görnüşleri. Taalik sözi bu ýerde “osmak”,sallamak manysynda ulanylypdyr.Ýagny bir harpy beýleki bir harpyň üstünden sallamak manysynda ulanylypdyr.

Taalik poçerkinde sözlerde harplaryň yzygiderli ýerleşiş düzgüni saklanylmandyr. Haýsy harp sözüň ýazgysynyň niresinde gowy, owadan görünse şol ýerde hem ýzylypdyr. Bu poçerk esasan Orta Aziýada we Eýranda xIV-asyrda taalik ýazgysy başga bir kaligrafik poçerk- nahstaalik poçerki bilen çalşyrylypdyr.

Ýazgynyň nusgasy we ýazylyş usullary aýratyn listde berilýär.

## Peýdalanylan edebiýatlar:


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. - Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. - Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. – Aşgabat, 2009.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2008.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. - Aşgabat, 2007.
10. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
11. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýzgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-nji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýzgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy.2-nji goýberiliş. - Aşgabat, 2009.

14. Ata arzuwany amala aşyrýa Agtyk. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. „Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007 ýyl“. - Aşgabat, 2008.
16. Mugallym, Esger, Ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewyň gahrymançylykly ömür ýoly.- Aşgabat,2008.
17. Berdimuhamedow Gurbanguly - Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. - Aşgabat, 2007.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
21. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ýygyndysy. - Aşgabat, 2005.
22. Istrin W.A. Wozniknoweniýe i razwitiýe pisma. M., 1965.
23. Pawlenko N.A. Istoriýa pisma. Minsk, 1987.
24. Utewskaýa Paola. Slow dragosenyýe klady. M., 1985.
25. Awdiýew W.I. K istorii i teorii grafiki. M., 1977.
26. Waýman A.A. Taýny drewnih pisem: Problemy deşifrowki. M., 1976.
27. Diringer D.Alfawit. M.,1963.
28. Istrin W.A. Razwitiýe pisma. M.,1961.
29. Loukotka Ç. Razwitiýe pisma. M.,1950.
30. Struwe W.W. Proishoždeniýe alfawita. Pg., 1923.
31. Tihomirow M.H. ,Murawýow A.W . Russkaýa paleografiýa. M,1966.

32. Istoriýa Drewnego Wostoka . Pod. Red. W.I.Kuzişina. M.,1979.
33. Materýaly ÝuTAKE , wyp 2 , Aşhabad,1951.
34. Toprak –kala .Trudy HAEE, t 16, M.,1984.
35. Istoriýa drewnogo Wostoka. Pod redaksiýeý W.I. Kuzişina. M., 1979
36. Oranskiý I.M. Wwedeniýe e iranskuýu fologiýu. M., 1960
37. Osnowy iranskogo ýazykoznaniýa. Srednepersidskiýe ýazyk M.,1981.
38. Masson M.Ýe. K otkrytiýu parfiýanskih dokumentow na gorodişe
39. Nowaýa Nisa. Materialy ÝuUTAKE, wyp.2, M.-L., 1951
40. Dýakonow I.M., Dýakonow M.M., Liwşis W.A. Dokumenty iz drewneý Nisy (deşifowka i analiz).
41. Oranskiý I.M. Wwedeniýe w iranskuýu filologiýu. M., 1960.
42. Liwşis W.A. Lukonin W.G. Srednepersidskiýe i sogdiýskiýe nadpisi na serebrýannyh sosudah. WDI, 1964, N 3.
43. Lukonin W.G. Srednepersidskiýe nadpisi iz Kara-tepe. – W kn. Budiýskiýe peşery Kara-tepe w starom Termeze. M.,1969.
44. Nikitin A. Noweýşiýe epigrafiçeskiýe nahodki w Merwe. //Merw w drewneý i srednewekowoý istorii Wostoka IV. Tezisy dokladow. Mary,1993.
45. Oranskiý I. M. Wwedeniew w iranskuýu filologiýu. M.1960.
46. Osnowy iranskogo ýazykoznaniýa Srednepersidskie ýazyki. M. 1981
47. Liwşiň WA Sogdiýskiý dokument s goruy Mug. – Problemy Wostokowedeniýa, 1959, 6
48. Klýuç k sogdiýskiým pismenam –Ga .” Trud” 86 at 12 .04 1970
49. Tolstow S.P Drewniý Horezm. M. 1949
50. Tolstow S.P Po sledam drewne horezmiýskoý siwilizasii. M-L,1948.

51. Dudkowa A.W. Tok-kala Taşkent, 1964.
52. Masson M.E kirobleme otkritiýa alfawita drewnogo horezma.-Žurn.”Ssialistiçeskaýa nauka i tehnika. Taşkent, 1938.
53. Masson M.E Kistoriiotkritiýa drewne-týurkskih runiçeskih nadpiseý wsr,Azii.-Materialy Uzkomistarisa, wyp, 6-7, M, 1936.
54. Klýaştornyý S,. Stey Zolotogo ozera: L, 1976
55. Şerbak A.M. oRuniçeskoý pismennosti w ÝU Ewrope.Sowr. týurkonogiýa 1971.
56. Ýazberdiýew A. Horezmiýskoýe pismo. Izw. ANTSSR, SON, 1977.
57. Pawlenko N.A. Istoriýa pisma. Minsk 1987.
58. Bartold B.B. Kultura musulmanstwa.pg, 1918
59. Bartold b.B. Kistoriiarabskih zawolwaniý w sredneý Azii. ZWORAO, T. XVII, 1906
60. Belýaew E.A. Obrazawaniýe arabskogo gosudarstwo i wozniknowoniýe islama w VII w., M, 1954.
61. Petruşewskiý I.P Islam wIrane w VII-XV ww. L, 1966.
62. Halidow B.Z. Uçebnik arabskogo ýzyka. Taşkent, 1965.
63. Bolşakow O.Garabskiýe nadpisi na poliwnoý keramike sr. Azii IX-XI ww. EW, T.XVI.M-L,1963.

**Mazmuny:**

Tema 1:„Paleografiýa„ dersine giriş..................................7-14
Tema 2: Alfawitden öňki ýazgylar...................................15-19
Tema 3: Alfawit ýazgysynyň ýüze çykmagy......................20-25
Tema 4: Hat ýazylýan materýallar we gurallary................26-28
Tema 5: Arap basybalyşlaryndan öñ Merkezi Aziýada ulanylýan ýazgylar………………………………………..29-35
Tema 6: Parfiýa ýazgysy we onuň ýadygärlikleri………...36-43
Tema 7: Orta pars (pehlewi) dili we ýazgysy……..……..44-50
Tema 8: Sogdiona ýazgysy………………………………51-59
Tema 9: Gadymy Horezm we gadymy türk runy ýazgylary…………………………………………………60-63
Tema 10: Arap ýazgysy…………………………………..64-69
Peýdalanylan edebiýatlar…………………………………70-73